TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– OBA HOJALYK IŞGÄRLERINIŇ ÇEKÝÄN YHLASLY WE TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA EKINLERIŇ BOL HASYLY KEMALA GETIRILÝÄR, AZYK BOLÇULYGY HAS-DA PUGTALANDYRYLÝAR.


ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

11-nji iýul, 2025. Belgisi 28/1646




# AZYK BOLÇULYGYNYŇ ÜPJÜN EDILMEGI — OBASENAGAT TOPLUMYNDA MÖHÜM WEZIPE

**7-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda hem-de welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde galla oragyndan boşan meýdanlary sürmek, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we gurallaryny hem-de bugdaý tohumlaryny möwsüme taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek hem-de ösüş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Bu işlerde oba hojalyk tehnikalary netijeli peýdalanylýar. Welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda ýetişdirilen ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak işleri bilen birlikde, bu ekinleriň güýzki ekişine taýýarlyk görülýär.

Şeýle hem häkimler «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanylmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş we önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, welaýatlarda dowam edýän möwsümleýin işleriň, hususanda, gowaça ideg etmek, şeýle hem oba hojalyk ekinleriniň geljek ýylyň hasylynyň düýbüni tutmak işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň möhüm ähmiýetini belledi we bu babatda häkimlere anyk görkezmeleri berdi.

Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz häkimlere şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanylmaga berilmegi meýilleşdirilýän binalardaky we desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli we öz wagtynda ýerine ýetirilmegini yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzda dowam edýän oba hojalyk işleriniň çäklerinde ýygnalan bugdaý hasylyny galla kabul ediş kärhanalaryndan ammarlara we elewatorlara daşamak hem-de talabalaýyk saklamak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişine taýýarlyk görmek maksady bilen, galla oragyndan boşan meýdanlarda sürüm we tekizleýiş işleri geçirilýär. Ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we ýokary hilli bugdaý tohumyny möwsüme taýýar etmek üçin zerur çäreler görülýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek hem-de ösüş suwuny tutmak işleri utgaşykly alnyp barylýar. Şeýle hem Daşoguz, Lebap welaýatlarynyň şaly ekilen meýdanlarynda ideg etmek işleri, Mary welaýatynda bolsa gant şugundyrynyň ekişi dowam edýär. Gant şugundyrynyň gögeriş alan meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri geçirilýär.

Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak barada öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatlarda ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ýetişdirilen hasylyny ýygnap almak we ilata ýetirmek boýunça işler alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, bu ekinleriň güýz möwsüminde ekiljek ýerlerini hem-de tohumlaryny taýýarlamak boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, döwletimiziň oba hojalyk pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berýändigini, döwrebap tehnikalary satyn almaga, suw tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmaga, täze suwaryş ulgamlaryny gurmaga, tohumçylygy we maldarçylygy ösdürmäge uly möçberde maýa serişdeleriniň gönükdirilýändigini belledi we şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak hem-de gaýtadan işleýän senagaty çig mal bilen üpjün etmek boýunça pudagyň öňünde duran wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilişini hemişe gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de gowaça ekilen meýdanlarda ideg işleriniň agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini, bugdaýyň, şeýle hem beýleki oba hojalyk ekinleriniň geljek ýylyň hasylynyň düýbüni tutmak işleriniň öz wagtynda geçirilmegini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

## Ýurdumyzda halkara forum geçiriler

*Ýurdumyzda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny geçirmek boýunça degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Mälim bolşy ýaly, bu gurama bilen hyzmatdaşlykda ýokary derejeli forumy guramaçylykly geçirmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz degişli Karara gol çekdi. Oňa laýyklykda, şu ýylyň 4–8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny we ugurdaş çäreleri ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek bellenildi.*

Ýakynda sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň Hökümetiniň we Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçirmek babatda ylalaşmalar hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysynyň we BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar hem-de kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekili Rabab Fatimanyň gatnaşmagynda degişli Ylalaşyga gol çekilmegi bu halkara çäräniň uly ähmiýetini görkezýär. Onda bellenilişine görä, halkara forumy ýokary derejede geçirmek üçin guramaçylyk çärelerini ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan oňyn Bitaraplyk syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek bilen, ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen başlangyçlar bilen çykyş edýär. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçiriljek ýokary derejeli halkara çäre şol başlangyçlary mundan beýläk-de ilerletmekde möhüm ädim bolar.

### DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK DÖWLETLERIŇ AÝRATYNLYKLARY

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty durnukly ösüş üçin ulag ulgamyny maliýeleşdirmek, bu ugurda geljek üçin anyk çelgileri kesgitlemek boýunça özboluşly pikir alyşma meýdançasyna öwrüler.

Häzirki döwürde çig malyň we harytlaryň suwüsti daşalmagy dünýä söwdasynda aýratyn ähmiýete eýedir. Şonuň üçin deňze çykalgasy bolan ýurtlar dünýä bazaryna gös-göni aralaşyp bilýärler. Bu ugurda deňze çykalgasy bolmadyk döwletler birnäçe ykdysady we ulag meseleleri bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar.

Häzirki wagtda dünýäniň 40-dan gowrak ýurdy deňze çykalgasy bolmadyk döwletlerdir. Bu ýurtlar, esasan, üç yklymda – Afrikada, Ýewraziýada we Günorta Amerikada ýerleşýär. Demirgazyk Amerikada deňze çykalgasy bolmadyk döwlet ýok. Deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň köpüsi Afrikada (16) we Ýewropada (14). Awstraliýa yklymynyň çäkleri bolsa tutuşlygyna şol bir ýurdy emele getirýär. ■ 2

THIRD UNITED NATIONS CONFERENCE ON LANDLOCKED DEVELOPING COUNTRIES
AWAZA 2025

## Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň ýokary derejedäki duşuşygyna gatnaşdy

*7-nji iýulda Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowanyň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň Nýu-Ýorkdaky baş edarasynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň sebitleýin parahatçylyk zolaklary boýunça ýokary derejedäki duşuşygyna gatnaşdy. Bu barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň resmi web saýtynda habar berilýär.*

Ýokary derejedäki duşuşyk bar bolan we täze sebitleýin parahatçylyk zolaklaryny döretmäge, olaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmäge, döwletleriň we sebitleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary, özara ynamy berkitmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary çykyşynda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasyny düzýän bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetlilik ýörelgelerine ygrarlylygyny tassyklady. Türkmenistanyň sebitdäki parahatçylyk zolaklaryny, hususan-da, Merkezi Aziýada parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagyny döretmek we berkitmek meselesindäki üýtgewsiz garaýşyny nygtady.

Türkmen tarapy BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Merkezi Aziýa–parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Karamamasynyň kabul edilmeginiň sebit derejesinde parahatçylyk, dialog we ynanyşmak ýörelgelerini ykrar etmekde möhüm ädimdigini aýtdy.

Parahatçylyk zolaklarynyň durnuklylygyň gurallary bolmak bilen, diplomatiýa üçin özboluşly meýdançalar we parahatçylyk prosesleri üçin sebit jogapkärçiliginiň beýany bolup hyzmat edýändigi aýratyn bellenildi.

Gatnaşyjylaryň umumy pikirine görä, duşuşyk sebit we dünýä derejesinde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek üçin pikir alyşmak we bilelikdäki çemeleşmeleri ilerletmek üçin möhüm meýdança öwrüldi.



* * *

Şol gün Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowa BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar hem-de kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekili Rabab Fatima bilen duşuşdy.

Söhbetdeşligiň barşynda taraplar BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna (LLDC 3) taýýarlyk bilen baglanyşykly guramaçylyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Duşuşykda Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmekde bu Maslahatyň ýokary ähmiýeti nygtaldy.


**«Lexus» Hytaýda zawod gurýar**
«Toyota»-nyň premium brendi «Lexus» Şanhaýda täze energiýa çeşmeleri bilen işleýän ulaglary öndürýän zawod gurup başlady. 4

**Doňdurmanyň iň ýörgünli görnüşleri**
Doňdurma tomus paslynda köp iýilýän iýmitleriň biri bolup, howanyň yssy günleri jana şypa berýär. 5

**Kaýl Wolkeriň täze topary**
Angliýaly meşhur futbolçy Kaýl Wolker 6 aýdan soň ýene-de öz ýurduna dolandy. 6

**«MetLife Stadium»-da Ýewropa finaly**
Ilkinji gezek 32 klubuň gatnaşmagynda geçirilýän FIFA Klublar Dünýä Kubogy tamamlanyp barýar. 7

**Görkeziljek wagty mälim edildi**
Gomeriň «Odisseýa» eseri esasynda surata düşürilýän «The Odyssey» filminiň prokata çykjak wagty mälim edildi. 8




# AWAZA – DÜNÝÄ DEREJELI HALKARA ÇÄRELERIŇ GEÇIRILÝÄN MERKEZI

*9-njy iýulda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatynyň çäklerinde dürli derejedäki duşuşyklaryň geçiriljek ýeri bolan Kongresler merkezine bardy.*

Gahryman Arkadagymyz Kongresler merkeziniň ýanyna gelip, binanyň daş keşbini synlady, onuň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyş derejesi bilen gyzyklandy. Köp gatly bu merkeziň daş keşbinde bolşy ýaly, onuň içki bezeg işlerinde-de milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşýar. Altyn öwüşginli nagyşlary bolan bina kaşaňlygy, özboluşly binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýar.

Halkara forumyň geçiriljek günlerinde bu merkeziň binasynda hem birnäçe ähmiýetli çäreleri guramak meýilleşdirilýär. Çünki toplumda dürli derejedäki halkara çäreleri guramak üçin ähli zerur mümkinçilikler bar. Gahryman Arkadagymyz ýokary derejede geçiriljek duşuşyklaryň we gepleşikleriň jemleri boýunça kabul ediljek çözgütleriň, gazanyljak ylalaşyklaryň özara gatnaşyklary ösdürmekde ähmiýetli boljakdygyny, şoňa görä, binalaryň taýýarlyk derejesine zerur üns bermegiň wajypdygyny belledi. Bu ýerde döredilýän şertler merkeziň işewürlik we syýasy işjeňlik ýagdaýyna laýyk gelmelidir. Halk Maslahatynyň Başlygy daşary ýurtly wekilleriň ýokary derejede işläp bilmekleri babatda zerur tagallalary etmek boýunça birnäçe maslahatlaryny berdi.

Öňde boljak çäreleriň ýurdumyzyň taryhyna täze, möhüm sahypany ýazjakdygyny aýdyp, Gahryman Arkadagymyz halkara forumyň guramaçylykly geçirilmeginiň ýurdumyzda tutumly işleriň üstünlikli amal bolýandygynyň aýdyň nyşanyna öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Soňra Milli Liderimiziň garamagyna Awazanyň medeni çäreleri geçirmek üçin niýetlenen merkeziniň abatlaýyş işlerine degişli şekil taslamalary we desgalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary görkezildi. Görkezilýän taslamalaryň hatarynda teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz suw çüwdürimleriniň ýerleşdiriljek ýerleriniň çyzgylary, çaýhananyň, oýun-güýmenje meýdançalarynyň taslamalary, bu ýerde we suw çüwdürimleriniň howdanlarynda oturdyljak mermerleriň, oturgyçlaryň, yşyklandyryş ulgamynyň, merkeziň çäginiň germewleriniň görnüşleri, çykyş etmäge niýetlenen sahnanyň abadanlaşdyrylyşy ýaly taslamalar bar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy taslamalar bilen içgin tanşyp, olara birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Bellenilişi ýaly, deňziň kenarynda geçiriljek halkara forumyň medeni maksatnamasynyň taýýarlanylmagyna toplumlaýyn esasda çemeleşilýär. Şeýle hem iri maslahatyň hormatyna özboluşly dostluk festiwalynyň guraljakdygy, oňa Merkezi Aziýanyň we beýleki ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmaga uly gyzyklanma bildirýändikleri barada aýdyldy. Munuň özi ýurdumyzda guralýan halkara çäreleriň tutuş dünýä derejesinde ähmiýetlidigini beýanydyr. Bu ýerde ýaýbaňlandyrylan abatlaýyş işlerinde ulanylýan gurluşyk we bezeg serişdeleriniň hil hem-de göze gelüwlilik babatda häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidigini belläp, Gahryman Arkadagymyz bu işlerde häzirki zamanyň ösen tejribesine, milli binagärlik ýörelgeleriniň ýokary derejesine esaslanylmalydygyna ünsi çekdi. Şunda ýerine ýetirilýän işler uzak geljegi nazarlaýan binagärlik çözgütlerine öwrülmelidir. Olarda berklik, oňaýlylyk we owadanlyk sazlaşykly utgaşmalydyr. Aýratyn-da, dünýäniň dürli ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda guraljak aýdym-sazly çykyşlarda ýurdumyzda parahatçylygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilýän tagallalar öz beýanyny tapmalydyr. Şonuň ýaly-da, dynç alyş zolagynyň aýdym-saz sahnasynyň bezegi, onuň yşyklandyryş ulgamy we bu töweregiň ekologik derejesi bir bitewi sazlaşygy emele getirmelidir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň möhüm wakalarynyň üstüni ýetirjek halkara forum ýatda galyjy wakalara, täsirli pursatlara beslenmelidir. Onuň köpöwüşginli häsiýete eýe bolmagy Türkmenistanyň Bitaraplyk strategiýasyna kybap gelýän milli ýörelgeleriniň rowaçlyklara beslenýändigini görkezer diýip, Milli Liderimiz belledi hem-de bu babatda degişli ýolbaşçylara öz maslahatlaryny berdi.

Gahryman Arkadagymyz Hazaryň kenarynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatyny geçirmek we onuň çäklerinde beýleki medeni-ynsanperwer çäreleri ýaýbaňlandyrmak arkaly Türkmenistanyň dünýä ýurtlarynyň arasynda dostluk köprüleriniň binýadyny has-da berkitjekdigini belledi. Bu çäreler Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň esasy wakalarynyň birine öwrüler. Bu bolsa Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli guraljak dabaralaryň many-mazmun taýdan baýlaşmagyny şertlendirer.

Soňra Halk Maslahatynyň Başlygy Awazanyň gözel künjeginde ýerleşýän käbir myhmanhanalaryň taýýarlyk derejesi we olarda döredilen şertler bilen tanyşdy. Halkara foruma gatnaşýan myhmanlar üçin niýetlenen otaglarda ýokary derejeli ýaşaýyş we oňaýly dynç alyş üçin ähli zerur şertler döredilipdir. Myhmanlaryň türkmen halkynyň milli däpleri esasynda garşylanylmalydygyny, olar üçin ýokary derejeli şertleriň döredilmelidigini belläp, Gahryman Arkadagymyz foruma gatnaşyjylaryň türkmen myhmansöýerligini duýmaklary babatda zerur tagallalaryň edilmelidigine ünsi çekdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Awazanyň çäklerinde bar bolan myhmanhanalaryň taýýarlyk derejesi bilen baglanyşykly tanyşlygyny dowam etdi. BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça forumyna gatnaşyjylaryň bir böleginiň ýaşajak myhmanhanalarynda ýokary derejeli şertler üpjün edilýär. Şol bir wagtyň özünde binalaryň enjamlaşdyrylyşyna, olarda döredilýän şertleriň amatlylygyna möhüm ähmiýet berilýär. Gahryman Arkadagymyz myhmanlaryň bu ýerde ýaşan wagtynda oňaýly dynç almaklary, gezelenç etmekleri we deňiz gözelligini synlap bilmekleri üçin ähli zerur mümkinçilikleriň döredilmelidigini aýtdy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýerde degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onuň dowamynda halkara foruma çenli az wagtyň galandygyny nazara alyp, ýerine ýetirilýän işleriň depginini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Milli Liderimiz ähli gurluşyk we abatlaýyş işleriniň ýokary hil derejesinde, kesgitlenen möhletlerde berjaý edilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, bu ugra degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleriniň işjeň gatnaşmagynda öňde durýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmegiň ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň guralmagy maksadalaýyk bolar. Çünki meýilleşdirilen işleriň ýokary hilli, wagtynda ýerine ýetirilmegi maslahatyň guramaçylyk derejesine täsirini ýetirer. Şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde öňde boljak halkara forumyň taryhy ähmiýeti barada makalalaryň, tele we radio gepleşikleriň taýýarlanmagyna aýratyn üns berilmelidir. Forumyň geçişi barada ýurdumyzyň internet saýtlarynda, elektron neşirlerinde, teleradioýaýlymlarda yzygiderli berilmelidir. Munuň özi forumda garaljak meseleleriň we kabul ediljek çözgütleriň ähmiýetini dünýä ýaýmakda wajyp ähmiýete eýe bolar.

## Ýurdumyzda halkara forum geçiriler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Täjigistan, Özbegistan we Gyrgyzystan ýaly döwletler Ýewraziýanyň suwsuz sebitinde ýerleşýärler. Dünýäde deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň arasynda tutýan meýdany boýunça iň ulusy Gazagystan, ilat sany boýunça Efiopiýa hasaplanýar. Efiopiýanyň 90 milliondan gowrak ilaty bar. Şeýlelikde, Lihtenşteýn we Özbegistan ähli tarapdan deňze çykalgasy bolmadyk döwletler bilen gurşalandyr.

Ýewropanyň çäginde hem şeýle 14 döwlet – Kiçi döwletler (Andorra, Watikan, Lýuksemburg, Lihtenşteýn we San-Marino); Merkezi-Gündogar Ýewropa ýurtlary (Awstriýa, Çehiýa, Slowakiýa, Şweýsariýa, Wengriýa); Balkan döwletleri (Serbiýa we Demirgazyk Makedoniýa) hem-de Belarus bilen Moldowa bar.

Ýewropada deňze çykalgasy bolmadyk döwletiň nusgawy mysaly Moldowa Respublikasydyr. Bu ýurt iki goňşy döwletiň arasynda ýerleşýär. Rumyniýa bilen Ukrainanyň arasynda ýerleşýän bu ýurt Gara deňziň kenaryndan bary-ýogy 40 kilometrden gowrak uzaklykda ýerleşýär.



### DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÝURTLARYŇ MESELELERI

Deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň ýüzbe-ýüz bolýan esasy meselesi, harytlaryny dünýä bazarlaryna ýetirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan kynçylykdyr. Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, şeýle ýurtdan ýük daşamak üçin çykdajylar, kenarýaka döwletlerden ýük daşamakdan iki esse köpdür. Şeýle-de, ulag çykdajylary köplenç sarp edijiler üçin harytlaryň bahasynda we bäsdeşlige ukyplylygynda öz beýanyny tapýar.

BMG-niň Deňiz kanuny baradaky Konwensiýasynyň onunjy bölümi islendik ýurduň deňze çykmagyny kepillendirýär. Eýsem, ol nähili berjaý edilýär? Üstaşyr gatnawa rugsat berýän ýörite döwletara şertnamalary baglaşmak bilen. Şol sebäpli, mysal üçin, Polşanyň Şesin portunda ýekeje-de deňizýaka şäheri bolmadyk Çehiýanyň baýdagy pasyrdaýan gämini görüp bilersiňiz. Şol bir wagtyň özünde, deňizdäki ähli içerki yklymyň gämileri beýleki gämiler bilen deň hukuklara eýedir.

### TARYHY WAKALAR

Häzirki zaman şertlerinde durnukly ösüşi üpjün etmekde guryýer we suw ýollarynyň utgaşykly ulanylmagy uly ähmiýete eýedir. Bu, aýratyn hem, deňze çykalgasy bolmadyk we kiçi adalarda ýerleşýän ösüp barýan döwletleriň çäklerine degişlidir. Şunuň bilen bagly meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygy alyp barmak üçin BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2001-nji ýyldaky ýörite Kararnamasy bilen döredilen ýöriteleşdirilen edarasy hereket edýär, ol latyn elipbiýinde gysgaldylyp, UN-OHRLLS diýlip atlandyrylýar we oňa BMG-niň Ýokary wekili ýolbaşçylyk edýär.

2003-nji ýylda Gazagystan Respublikasynda geçirilen deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň we üstaşyr geçelge hasaplanýan ösüp barýan döwletleriň, maliýeleşdirmek hem-de ösüş meseleleri bilen meşgullanýan edaralaryň halkara maslahatynda Hereketleriň Almaty maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy. Ol täze ählumumy çäklerde üstaşyr geçirmek ulgamynda hyzmatdaşlyk etmekde döwletleriň ýörite talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen kabul edildi. Şeýle-de bu maksatnama üstaşyr ulag geçirijileriniň amallaryny düzgünleşdirmek, demir ýol torlarynyň hyzmatdaşlygyny goldamak, özara haryt dolanyşygyna goldaw bermek ugurlarynyň hukuk esaslaryny berkitmäge gönükdirilendir. Ol deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmakda esas bolup, 2003–2013-nji ýyllarda hereket etdi. 2014–2024-nji ýyllar üçin kabul edilen Hereketleriň Wena maksatnamasy bolsa agzalan resminamanyň logiki dowamy bolup durýar. Ol deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň 32-sinde amala aşyrylýar.

2016-njy ýylyň 13-14-nji oktýabrynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň durnukly ulag ulgamy boýunça ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahat Boliwiýa döwletiniň Santa-Krus şäherinde geçirildi.

Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda durnukly ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk bilen bagly Kararnamalaryň dördüsi kabul edildi. 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda BMG-niň Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty geçirildi.

2022-nji ýylyň 15-16-njy awgustynda Awazada geçirilen deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahaty hem Aşgabat duşuşygynyň özboluşly dowamy bolup, oňa degişli döwletleriň ulag ministrleri, halkara guramalaryň degişli düzümleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Türkmenistanyň başlangyjy bilen geçirilen bu forum ulag ulgamynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli, özara ylalaşykly çemeleşmelerini işläp taýýarlamak üçin nobatdaky amatly mümkinçilikdir.

Ýurtlaryň ösüşinde uly täsiri bolan ulag ulgamyny ösdürmek, durnukly ulag arabaglanyşygyny kemala getirmek ählumumy kabul edilen maksatlaryň möhüm bölegidir. Çäk taýdan amatly ýerleşýän gözel Diýarymyz sebit hem-de yklym ähmiýetli möhüm üstaşyr ulag we logistika merkezi hökmünde özüniň eýeleýän ornuny has-da pugtalandyryp, bu ulgamdaky ägirt uly kuwwatyndan ählumumy abadançylygyň bähbidine netijeli peýdalanmaga çalyşýar. Türkmenistanyň bu ugurda yzygiderli durmuşa geçirýän işjeň syýasaty BMG-niň giňden goldaw bermeginde özüniň oňyn netijelerini berýär.

**Maksat BERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## 1 ýewrolyk jaýlar uly girdeji getirdi

Italiýada şäherden uzakdaky obalarda ýa-da ilaty azalýan kiçeňräk şäherçelerde bahasy bary-ýogy 1 ýewro bolan jaýlar satuwa çykaryldy. Şeýle kampaniýa ýurduň köp ýerinde yglan edilipdi. Ýerli ykdysadyýeti ösdürmäge niýetlenen bu taslama uly girdeji getirdi. Boş duran bu jaýlar täze eýesine abatlamak şerti bilen satylýar. Bahasy bir çaşka kofeden hem az bolan jaýlar bütin dünýäde gyzyklanma döredip, olary görmäge köp adam barypdyr. Satuwa çykarylan jaýlaryň köpüsi satylypdyr. Bu jaýlar auksion arkaly satuwa çykarylyp, 1 ýewro simwolik baha kesilen hem bolsa, hakykatda has gymmada satylýar.

Sisiliýanyň ortasyndaky 10 müň töweregi ýaşaýjysy bolan Mussomeli şäherçesinde 2017-nji ýylda ýola goýlan kampaniýanyň çäklerinde 125-den gowrak gozgalmaýan emläk satylypdyr. Jaýlaryň satylmagy netijesinde ýerli gurluşykçylar, telekeçiler, restoranlar we oteller 7 million ýewro töweregi peýda görüpdir. Girdeji diňe emlägiň satylmagyndan alynmandyr. Bu jaýlary görmäge gelýän alyjylaryň sany hem 6 müň töweregi bolupdyr. Bu myhmanlar hem ýerli restoranlara, otellere we beýleki hyzmatlar pudagyna girdeji getiripdir. Köne jaýlaryň täze eýeleriniň arasynda iri şäherden göçüp gelen ýaşulular, tebigatyň jümmüşinde ýaşamak isleýän daşary ýurtlular hem bar.

**Resul HOJABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Bagtyýarlyk etrap komitetiniň partiýa guramaçysy.*

## 3 müň 500 ýyllyk gadymy şäher tapyldy

Perunyň demirgazygyndaky Barranka sebitinde 3500 ýyllyk gadymy şäher tapyldy. Peniko diýlip atlandyrylan ilatly ýeriň Ýuwaş ummanynyň kenarynda ýaşaýan halklar bilen And daglarynyň eteklerinde we Amazonka basseýninde ýaşaýan ýerli halklaryň gatnaýan ýolunyň ugrunda ýerleşip, esasy täjirçilik merkezleriniň biri bolandygy çaklanylýar. Paýtagt Limanyň 200 kilometr çemesi demirgazygynda, deňiz derejesinden 600 metr belentlikde ýerleşýän Penikonyň miladydan ozalky 1800-1500 ýyllar aralygynda döredilendigi çaklanylýar. Bu döwür Mesopotamiýadaky, Müsürdäki, Hindistandaky we Hytaýdaky ilkinji uly medeniýetleriň beýgelýän döwrüne gabat gelýär.

Peniko Amerikanyň mälim bolan iň gadymy medeniýeti hasaplanýan Karaldan o diýen uzakda däl. Arheologlar 8 ýyl dowam eden gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde şäherde 18 binanyň galyndylaryny ýüze çykardylar. Şeýle hem bu ýerden heýkeljikler, adamlaryň we haýwanlaryň dürli şekilleri, balykgulaklardan ýasalan bezeg şaýlary ýaly zatlar tapyldy.

**Gurbanmämmet AMANOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Magtymguly etrap birleşmesiniň başlygy.*

## Gaharjaňlygy ýeňip geçmegiň usullary

1 Gaharly wagtyň gaýtawul bermekden gaça durmak: gaharly wagtyň berlen jogap ýagdaýy kynlaşdyryp bilýär. Uludan dem alyp, birnäçe sekuntdan soň jogap bermek ýerliklidir.

2 Demiňi dürsemek: uludan dem almaly. 4 sekundyň içinde uludan demiňi almaly, 4 sekunt saklamaly we 4 sekuntda goýbermeli.



Hereket etmek, gezelenje çykmak ýa-da gerinmek hem özüňi dürsemäge ýardam edýär. Suw içmek, ýüzüňi ýuwmak hem bedeni gowşadýar.

3 Duýgy-düşünjeleriňi aýtmaga synanyşmak: öýkeländigiňi aýtmaly (gygyrmaly däl-de, özüňi nähili duýýandygyňy aýtmaly). Gaharlanmaga sebäp bolan zatlary kagyza ýazyp, soň ýyrtyp hem bilersiňiz.

4 Ünsüňi sowmaga çalyşmak: halaýan aýdymyňy, sazyňy diňlemeli, gülküli wideo görmeli. Öz-özüňden «Şu ýagdaýyň bir hepde soň meniň üçin peýdasy barmy?» diýip soramaly.

5 Empatiýa: garşyňdaky kişiniň näme üçin beýle hereket edýändigini düşünmäge synanyşmaly. Her kimiň hem kyn günleri başdan geçirýän pursatlary bolup biler.

6 Fiziki işjeňligi ýerine ýetirmek: sport bilen meşgullanmak gaharly wagtyň bedendäki artykmaç energiýadan saplanmaga kömek eder.

7 Oňyn pikirlenmek, içgepletme ýöretmek: «Bu ýagdaýy sowukganly bolup ýeňip bilerin» diýen sözler bilen öz-özüňe teselli bermeli.

Şu usullaryň haýsysy size oňaýly bolsa, ulanyp görüň! Öýkeli, gaharly wagtyňyzda bu usullary ýerine ýetirmek kyn bolup biler, emma wagtyň geçmegi bilen özüňizi ele alyp, oňat netije gazanyp bilersiňiz.

**Agamyrat NAZAROW,**
*pedagog-psiholog.*

## Geýip bolýan Gün paneli

Tehnologiýa babatda ösendigi bilen tapawutlanýan Ýaponiýa halkara sport we beýleki çäreleri kabul edende has ýatda galyjy täzelikleri tanyşdyrýar. Häzirki wagtda geçirilýän «EXPO 2025» sergisi mynasybetli hem birnäçe tehnologiýa enjamy tanyşdyrylýar. Şolaryň biri hem örän inçe we çeýe Gün panelidir. Indi bolsa bu paneller egin-eşiklere tikilip, adamlary yssy howada serginledýän enjamlary işledýär. Onuň agramynyň matanyň boýagy ýaly ýeňildigi bellenilýär. Ýeňsiz eşige tikilen bu panelleriň agramy bary-ýogy 4 gram bolup, egniň ýanyna ýerleşdirilen serginledijini tok bilen üpjün edýär. Bu innowatiw ýeňsiz «Toyoda Gosei», «Enecoat Technologies» hem-de «Seiren» kompaniýalarynyň hyzmatdaşlygy netijesinde öndürildi. Ýokary tehnologiýa bilen öndürilen paneller pes ýagtylykda hem energiýa öndürýär. «Enecoat Technologies» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Tamotsu Horiuçi bu panelleriň lampanyň çyrasyndan hem elektrik energiýasyny öndürip bilýändigini belleýär.



Ýaponiýa 2040-njy ýyla çenli Günden alynýan energiýanyň möçberini 20 gigawata ýetirmegi maksat edinýär. Täze tehnologiýa ilatly ýerlerde hem gurlup bilner. Bu bolsa, energiýanyň sarp edilýän ýerinde öndürilmegini üpjün eder.

**Bahargül LALLYKOWA,**
*«Ahaltelekom» welaýat elektrik aragatnaşyk kärhanasynyň Babadaýhan etrap aragatnaşyk bölüminiň hünärmeni.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 11-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116698
Belgisi: 28/1646
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

**Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi:** 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BILIMLI ÝAŞLAR – ÝURDUŇ GELJEGI

Milli bilim ulgamyny ösdürmek, has-da kämilleşdirmek, ýaşlaryň hünär ussatlygyny artdyrmak, innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamak ýurdumyzda ýöredilýän esasy ugurlaryň biridir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda milli ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler halkymyzyň, aýratyn-da ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň durmuşynda uly özgerişlikleri girizjek täze açyşlara badalga berdi. Şoňa görä-de, häzirki bilimiň özgerýän zamanasynda biziň ýokary okuw mekdebimiz bolan Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösmegine goşant goşjak ýaş hünärmenler, ýaş alymlar ýetişdirilýär. Ylym-bilim bir düýpsüz umman mysalydyr. Şol ummanda batyrgaýlyk hem erjellik bilen gulaçlap, adamzada ýagty ýol görkezýän we oňa gowy ýaşaýşy bagyş edýän ylym-bilim hazynasyndan ýetdik paýyny alýan, geljegine ynamly türkmen ýaşlaryny göreniňde guwanýarsyň, buýsanýarsyň. Olaryň dürli ylym-bilim bäsleşiklerinde, Döwlet we halkara internet olimpiadalarynda gazanýan üstünlikleri bolsa buýsanjyňy has-da artdyrýar. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän ylym-bilim özgertmeleriniň, ýylsaýyn gülleýän, gül açýan bilim daragtynyň ajaýyp miweleridir.

Hormatly Prezidentimiz röwşen geljegimiz bolan ýaşlar barada şeýle belleýär: «Biz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öňümizde belent maksatlary goýduk. Mähriban Watanymyzyň abadançylygyny we durmuş-ykdysady ösüşini, halkymyzyň ýaşaýyş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak, dünýäde parahatçylygy hem-de ynanyşmagy berkitmek wezipelerini öňe



sürdük. Şu belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, ýaş nesilleriň bilimleri, ukyp-başarnyklary, belent maksatlary durmuşa geçirmekde berk binýatdyr. Şeýle belent ynamy ödemek täze taryhy eýýamyň belent ruhly ýaşlarynyň baş maksady bolup durýar. Munuň üçin ýaşlar halkara ölçeglerine laýyklykda ylym-bilim öwrenip, dürli hünärleri ussatlyk bilen ele alýarlar. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlar döwlet, häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda joşgunly zähmet çekýärler, telekeçilik işinde oýlanyşykly başlangyçlary üstünlikli durmuşa geçirýärler. Jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşyp, milli medeniýetimiziň dünýä ýaýylmagyna, kämilleşmegine mynasyp goşant goşýarlar. Şeýle yhlasly zähmetiň oňyn netijeleri olaryň täze taryhy eýýamyň milli we döwlet maksatnamalarynyň üstünliklere beslenmegindäki mynasyp goşantlarynda aýdyň ýüze çykýar.

Ylym-bilim döwletiň we jemgyýetiň öňe gitmeginiň berk binýatlarynyň biridir. Şoňa görä-de, ýaşlara döwrebap bilim berip, ylmy-bilimi hemmetaraplaýyn ösdürmek mugallymlaryň öňünde duran esasy wezipeleriň biridir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bilimi ösdürmek, hilini ýokarlandyrmak, sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň zerurlyklaryna laýyklykda, bilimiň ähli basgançaklaryny döwrebaplaşdyrmak, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, ukyply we zehinli çagalary ýüze çykarmaga we olary goldamaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek meýilleşdirilendir.

Ýakynda Içerki telekeçiligi has-da ösdürmek we hususy pudagyň işgärler düzümini berkitmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz «Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetini döretmek barada» Permana gol çekdi.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň müdiriýetiniň başlangyjy bilen döredilen täze uniwersitet, hususy pudagyň mundan beýläk-de ösmegine, maýa goýum işjeňliginiň ýokarlanmagyna, döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagyna we içerki bazaryň içerki önümler bilen üpjün edilmegine goşant goşjak ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlar.

Ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä derejesinde döwrebaplaşdyrmaga, ruhy taýdan kämil, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly nesli ýetişdirmäge uly ähmiýet berilýändigini bellemek ýerliklidir. Häzirki zaman orta we ýokary okuw mekdeplerinde iň kämil kompýuterler, multimediýa tagtalar, lingafon otaglar bar. Bilim bermek işine ylmyň soňky gazananlary, okatmagyň innowasion usullary, ýokary hilli elektron bilim maglumatlary giňden ornaşdyrylýar, sanly bilim ulgamy ösdürilýär. Bularyň hemmesi ýaş nesillerimiziň giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmeklerine döredilýän mümkinçilikdir.

Ýaşlar baradaky şeýle üns-alada bagtyýar nesillerimizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetde, syýasatda we medeni ulgamda alnyp barylýan döwletli işlere has-da işjeň çekmek ýaly asylly maksatlary özünde jemleýär. Ýaşlaryň döwrebap bilim almagyna giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan işleriniň rowaçlyklara beslenmegini, janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny arzuw edýäris.

**Mahym NURMUHAMMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň inženeri.*

# ENELER – ÝAŞAÝŞYŇ GÖZBAŞY

**Türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde enä aýratyn hormat goýulýar. Ene – ýaşaýşyň gözbaşy, maşgalanyň mähir çeşmesi. Ene mukaddesligi türkmen däp-dessurlarynyň, pähim-paýhasynyň hem-de durmuş ýörelgeleriniň esasy sütüni bolup durýar. Ene bolmak bagty miýesser eden zenana uly hormat-sarpa goýulýar. Ene bolmak tebigatyň zenana eçilen iň uly bagtydyr. Şol bir wagtyň özünde-de adamzat bähbitli jogapkärli borç hem ynsanlyk wezipesidir. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň perzentlik söýgüsinden, ogullyk mährinden, zerbap zehininden dörän «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitabynda «Dünýä eneleriň mähribanlygyndan nurlanýar. «Ene» düşünjesinden «ene ýer», «ene toprak», «ene dil» ýaly söz düzümleri emele gelýär. Enäniň dünýäniň başlangyjy bolmagy hakyndaky**



**düşünje, bu mähriban ynsanyň ýaratmak bilen umumylygynyň, dünýäde dörediji hökmündäki tebigy häsiýetlendirilmesiniň gözbaşydyr» diýen ajaýyp jümleler seni eneli günleriň bagtly pursatlaryna atarýar.**

**Ene bolmak diňe bir perzendi dünýä getirmekde jemlenmeýär. Halkymyzda «Terbiýe eneden başlanýar» diýen aýtgy bar. Eneler perzentleriniň kiçiliginden işe werziş bolmagyny, gyzjagazlara iňňe tutmagy, sapak işmegi, alaja örmegi, haly dokamagy öwredip başlaýarlar. Çünki enäniň ýüreginiň töründe kemelmeýän mähir-muhabbet bar. Çagasyna asyllylyk, edep-terbiýe bilen birlikde zähmet terbiýesini bermek bilen maşgala dünýäsini gözelleşdirýän eneler dünýäni öňküden hem owadan, manyly etmäge çalşyp, el işleriniň ähli görnüşlerini gyzlaryna öwredýärler. Watanyna mynasyp ynsan, kämil şahsyýet edip ýetişdirmek enelik borjunyň esasy özenidir.**

**...Elim gül çemenli mähriban käbämiň huzuryna howlugardym. Gapyny kakanyma mähetdel mähriban käbäm gapyny açardy. Gasyn basan ellerini elim bilen sypap durşuma, käbämiň mähir gatyşykly sözlerine özümi ele alyp, baýramy bilen gutlardym. Şonda käbäm: «Eneleriň arzuwy çagalarynyň bagtyny görmek, gyzym!» diýerdi. Üç perzendini ilhalar edip ýetişdiren mähriban käbämiň daşyny gallap oturan agtyklarynyň «Ene-de, mama!» diýşip, ejem janyň daşyna jem bolanlaryny gören wagtlarym bagtdan ýaňa didelerime ýaş dolýardy. Ejem jan ojagymyzyň sarsmaz sütünidi. Düýp ojakda toý-sadaka edilende barymyz bir saçagyň başyna üýşýäris. Doganlar bilen biri-birimize söýget bolup, bagtly günlerimize guwanyp ýaşaýarys. Özüm bir öýüň bikesi bolanymdan soňra, ejemiň hereketlerini gaýtalaýandygymy duýýaryn. Sebäbi eneleriň dünýäsi birmeňzeş.**

**Sen näçe ýaşasaň-da, enäniň mähir doly gözlerinden, onuň paýhasly şirin sözlerinden doýma ýok ekeni. Maşgalada ene terbiýesi perzent üçin möhüm, perzendi terbiýelemekde enä aýratyn orun berilýär. Perzent bilen enäniň arasynda örän inçe baglanyşyk bar. Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitabynda «Çaga enesini ýylgyrşyndan tanaýar» diýip bellenilýär. Perzent enesini görýär, sesini eşidýär, mährini duýýar. Perzent üçin mähribanynyň sesi hemişe gulagyna ýakymly owaz bolup eşidilýär. Enäniň hüwdüsi perzendiň süňňüne rahatlyk berýär. Eziz eneler her bir türkmen maşgalasynyň arzymany, öýüniň bezegi. Şahyr şygrynda enäni şeýle wasp edýär:**

***Ene ýüregi dek ýürek tapylmaz,***
***Enäniň ýüregi gülden näzikdir.***
***Enäniň hiç erbet arzuwy bolmaz,***
***Arzuwy abatlyk hem-de saglykdyr.***

**Dünýäniň görki hasaplanýan eneler - siz ýaşaýşyň çeşmesi. Ene alkyşyny alyp, ak ýollara rowana bolmak, bagta ýetirýär. Eneler ogluny ogul ýerinde, gyzyny gyz ýerinde goýup, olara deň üns-alada siňdirýärler. Dünýäni sizsiz göz öňüne getirmek mümkin däl, eziz eneler!**

**Mähriјemal BEREKETOWA,**
***Aşgabat şäherindäki 45-nji orta mekdebiň mugallymy, ilkinji zenanlar guramasynyň işjeň agzasy.***

# KÖNEÜRGENÇ – TÜRKMEN TARYHYNYŇ AJAÝYP DÜRDÄNESI

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli içeri we daşary syýasaty netijesinde türkmen halkynyň ruhy we medeni gymmatlyklary dünýä medeniýetiniň altyn hazynasyna goşulýar, taryhymyz dünýä taryhynyň möhüm bölegi hökmünde öwrenilýär. Şoňa görä-de, dünýä alymlarynyň ünsi türkmen topragyndaky Nusaý, Merw, Sarahs, Köneürgenç ýaly gadymy şäherlere gönükýär. Bu ýadygärlikler taryhy döwürlerden habar berýär. Şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyz «Türkmen medeniýeti» atly eserinde medeni mirasymyzy – maddy we ruhy gymmatlyklarymyzy ynsana saglyk berýän, ata-enäni hormatlaýan gözellik älemine deňeýär.

Goýny 360 pirli, kaşaň binagärligi, gaýtalanmajak gözelligi, ösen senetçiligi, ylmy we medeniýeti bilen şöhratlanan gadymy Köneürgenjiň geçmişden habar berýän gadymy ýadygärlikleri, metjitleri, mawzoleýleri türkmen taryhynyň ajaýyp dürdäneleridir. Dana pederlerimiz «Medeni miras – ebedi miras» diýip ýöne ýere aýtmandyrlar. Bu günki gün Köneürgenjiň binagärlik mirasyna tutuş dünýäde uly hormat goýulýandygy hem munuň aýdyň nyşanydyr. Gadymy ýadygärlikler hem ruhy baýlygyň bir görnüşidir. «Geçmişi bolmadygyň geljegi bolmaz» diýlişi ýaly, ýurdumyzdaky ýadygärlikler hem halkymyzyň geçmişini bilmäge kömek edýär. Gadymy siwilizasiýanyň esasy merkezleriniň biri hasaplanýan Koneürgenjiň ýadygärlikler toplumy dünýäde deňi-taýy bolmadyk binalardyr. Ençeme nesilleriň beýik hormat-sylagy göz öňünde tutulyp, bu ýadygärlikler toplumy 2005-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

Gürgenç, Ürgenç, Köneürgenç. Dürli döwürlerde dürlüçe atlandyrylan bu şäher türkmen halkynyň taryhynda möhüm orna eýedir. Umumadamzat ýaşaýşynyň ähli döwürleri üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyga öwrülen Köneürgenjiň gadymy ýadygärlikleri geçmişden habar berýär. Ol ýadygärlikleriň köpüsi çeper döredijiligiň ýokary nusgalary hökmünde ykrar edildi. Olardan özüniň owadanlygy, kaşaňlygy bilen tapawutlanýan Törebeg hanymyň köşgi, Köneürgenç türkmen döwletini esaslandyran Anuşteginler mirasdüşer şalygynyň üçünji arkasynyň mirasdüşer şasy Il Arslanyň kümmeti, belentligi boýunça Merkezi Aziýada birinji orunda durýan Gutlug Temiriň minarasy, ýerli ilatyň dilinde Gök gümmez hem-de Şyh Şerep baba diýlip atlandyrylýan Soltan Tekeşiň aramgähi, Köneürgenjiň şöhratyna şöhrat goşan, tutuş yslam dünýäsinde we Gündogar edebiýatynda ady uly hormat bilen tutulýan beýik akyldar, uly alym we hakdan içen şahyr, musulman dünýäsinde «Diniň uly ýyldyzy» diýlip atlandyrylýan, türkmen halkynyň beýik ogullarynyň biri, göz guwanjy hem buýsanjy Nejmeddin Kubranyň aramgähi we beýlekiler bize halkymyzyň we ata Watanymyzyň geçmiş taryhyny bilmäge, öwrenmäge, olara buýsanmaga mümkinçilik döredýär. Bu ýadygärlikler taryhy döwürlerden habar berýär.

Törebeg hanymyň ýadygärliginiň binagärlik biçüwinde we bezeg işlerinde dört pasyl, on iki aý, Gün, ýyldyzlar, şeýle hem birnäçe älemşynaslyk ylmyna degişli bezeg işleri ussatlyk bilen ulanylypdyr. Gutlug Temir hem onuň aýaly Törebeg hanym hakyndaky ýatlamalar halk hakydasynda şu günlere çenli saklanyp galypdyr. Hemra Ýusubowyň «Gadymy Horezmiň ýüregi» atly kitabynda berilýän maglumata görä, 1907-1908-nji ýyllarda han hazynasynyň hasabyna Köneürgençde medrese gurulýar. Medrese häzirki wagta çenli gowy saklanypdyr. Ol



il arasynda Daşmetjit diýlip atlandyrylýar. Şol medresede häzir Köneürgenjiň taryhy-medeni muzeý-goraghanasy ýerleşýär. Gadymy Horezmiň ýüregi bolan Gürgenç özünde, gör nähili, ajaýyp gözelligi, ymaratlary, Horezmiň binagärliginiň dür dänelerini jemlemek bilen, açyk meýdanda özbolusly janly muzeý bolup hyzmat edýär. Üstünden müň ýyla golaý wagt geçendigine garamazdan, üç ýüz altmyş pirleriň mekany bolan gadymy Köneürgençdäki şalaryň, akyldarlaryň kümmetlerine, güneşli Diýarymyzyň beýleki künjeklerindäki merdana atalarymyzyň şanyna gurlan taryhy-medeni ýadygärliklere edilýän zyýaratlaryň yzy üzülenok. Munuň özi halkymyzyň öz şöhratly pederlerine goýýan sylag-hormatynyň aýdyň nyşanydyr.

Her bir adam öz ýaşaýan ýeriniň geçmişini bilmäge, taryhyny öwrenmäge çalyşmalydyr. Watanyny söýýän, oňa buýsanmagy başarýan adam ruhy taýdan baýdyr. Türkmen halky üçin Watan, ene toprak hemme zatdan eziz hem mukaddesdir. Şonuň üçin Watan hakda, Watanyň mukaddesligi hem ezizligi hakda oýlananymda Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan kemal tapan «Watana söýgi iň beýik söýgüdir», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir» diýen parasatly sözlerini ýygy-ýygydan buýsanç bilen ýatlaýaryn.

Ata-babalarymyzyň yhlasyna eýlenen medeni mirasymyzy, ruhy we ahlak gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmakda, ýaş nesillerimizi ynsanperwerlige, halallyga, watansöýüjilige barýan milli ruhuň belent basgançaklaryna ýetirmekde ýadawsyz zähmet çekýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan işleri rowaçlyklara beslensin!

**Jumagül HOJAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň pudaklar boýunça utgaşdyryjysy, Türkmenistanyň ussat mugallymy.*

# PSIHOLOGIÝANYŇ FIZIKI SAGLYGA TÄSIRI

Saglyk ynsanyň bahasyna ýetip bolmajak baýlygydyr. Sagdyn durmuş ýörelgeleriniň ykrar edilmegine, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini we ýokary netijeli sporty ösdürmäge gönükdirilen bimöçber aladalaryň netijesinde, ýurdumyzda adam saglygy iň ýokary derejede saklanýar.

Saglyk jemgyýetçilik gymmatlygy bolmak bilen, döwletiň ösüşleriniň esasy kesgitleýjisi hökmünde häsiýetlendirilýär. Adamlaryň durmuşy gönüden-göni olaryň saglygy bilen baglanyşyklydyr. Saglyk baradaky alada ömrüň baradaky aladadyr.

Häzirki döwürde saglyk adamlar üçin has möhüm gymmatlyga öwrülýär. Keselleriň ýoklugy we özüňi gowy duýmak bagtyýarlyk we durmuşdan kanagatlanmak üçin esas bolup durýar. Ýöne fiziki we psihiki abadançylygy üpjün etmek beýle bir aňsat däl.

Bu ýerde fiziki we psihiki ýagdaýyň özara baglanyşygyny öwrenýän sagdyn durmuş ýörelgesiniň psihologiýasy kömege gelýär. Bu ugur saglyga täsir edýän faktorlary we olary nähili dolandyrmalydygyny öwrenýär, şeýlelikde durmuşda sazlaşyk emele gelýär.

Fiziki we psihiki saglygy saklamak ulgamlaýyn çemeleşmäni we özüňi tanamagy talap edýär. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek zerurdyr, bu bolsa dogry iýmitlenmegi, yzygiderli bedenterbiýäni, zyýanly endiklerden ýüz öwürmegi we ruhy ýagdaýy gözegçilikde saklamagy öz içine alýar. Bu elementler biri-biri bilen baglanyşykly bolup, adam bedeniniň umumy ýagdaýyna täsir edýär.

### PSIHOLOGIÝANYŇ FIZIKI SAGLYGA TÄSIRI

Häzirki wagtda adamlar fiziki saglygyna barha köp üns berýärler. Emma psihologiýanyň hem fiziki saglygymyz üçin örän uly ähmiýeti bar. Psihiki ýagdaýymyz bilen fiziki saglygymyz berk baglanyşyklydyr, ony durnukly saklamak bolsa sagdyn durmuş ýörelgesine ýetmegiň açarydyr.

Psihologiýa biziň pikirlerimiziň, duýgularymyzyň we hereketlerimiziň arasyndaky baglanyşygy öwrenýär. Ol emosional we psihiki ýagdaýymyzyň fiziki saglygymyza nähili täsir edýändigini düşündirýär. Stress, alada we depressiýa ýaly duýgular ýüregimize, immun ulgamyna we beýleki organlarymyza zyýan ýetirip biler. Pozitiw psihologiki ýagdaý bolsa fiziki saglygyň saklanmagyna we umumy abadançylyga kömek edýär.



Psihologiýanyň fiziki saglyga täsir edýän esasy taraplarynyň biri hem özüňe we bedeniňe bolan garaýyşdyr. Özüňi oňyn häsiýetlendirmek, özüňe bolan ynam fiziki saglygyň goralmagyna ýardam edýär. Adamyň öz bedenini kabul etmegi we oňa söýgi bilen ideg etmegi bedenterbiýe bilen meşgullanmagy, dogry iýmitlenmegi we sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegi ýeňilleşdirýär.

Mundan başga-da, psihologiýa şahsy gatnaşyklaryň hem fiziki saglyga uly täsir edýändigini görkezýär. Maşgalamyz, ýakynlarymyz bilen gatnaşyklarymyz beden ýagdaýymyza täsir edýär. Bize berilýän goldaw we düşünişmek stres derejesini peseldýär we saglygymyzyň gowulanmagyna kömek edýär.

Şeýlelikde, psihologiýa fiziki saglygymyza täsir edýän möhüm faktordyr. Saglygymyzy goramak üçin pikirlerimiziň, duýgularymyzyň we hereketlerimiziň arasynda baglanyşyk bolýandygyna düşünmek zerurdyr. Özüňe bolan oňyn garaýyş, öz bedeniňi gowulandyrmak fiziki saglygyň saklanmagynda esasy ýagdaý bolmagynda galýar.

Psihologiki rahatlyk sazlaşyk, ynam we rahatlyk ýagdaýydyr, ol adamyň umumy özüni duýşuna täsir edýär. Bu ýagdaý stress bilen göreşmäge kömek edýär, psihiki we fiziki keselleriň döremeginiň öňüni alýar. Eger biz psihologik taýdan rahat bolsak kynçylyklardan ýeňillik bilen baş alyp çykyp bilýäris, maksatlarymyza ünsi jemläp bilýäris we fiziki taýdan işjeň bolýarys.

Psihologiki rahatlygyň möhüm taraplarynyň biri öz ruhy ýagdaýyňy tanamak we kabul etmekdir. Duýgularymyzy tanamagy we olary beýan etmegi başaran ýagdaýymyzda, bedendäki dartgynlylyk azalýar we fiziki ýagdaý gowulaşýar. Emosiýalara gözegçilik etmek stresiň täsirinden goranmaga mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da, psihologiki rahatlyk oňyn pikirlenmegi ösdürmäge kömek edýär. Pozitiw garaýyş we optimizm fiziki saglyga oňyn täsir edýär, sebäbi olar endorfinleriň – bagt gormonlarynyň işlenip çykmagyna kömek edýär. Bu bolsa dürli keselleriň öňüni alýar.

**Allamyrat GALANDAROW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# SAGLYGYMYZ IÝMITIMIZIŇ HILINE BAGLY

**Türkmen saçagynda zenanlarymyz tarapyndan dürli tagamlar taýýarlanýar. Ak bazarlarymyzda harytlaryň bolelin, elýeter bahada bolmagy öý bikelerimiziň dürli görnüşdäki tagamlary taýýarlamaga bolan höwesini has-da artdyrýar.**

**Biziň süýji tagamlary taýýarlaýan öý bikelerimiz tomus paslynyň gelmegi bilen gyş möwsümine taýýarlyk görüp başlaýarlar. Ýagny dürli gök önümleri, işdäaçarlary, mürepbeleri gaplaýarlar, bu bolsa gyş paslynda bereketli saçagyň bolelinligini has hem artdyrýar. Ýöne şol gaplanmada nädogry usullaryň ulanylmagy adamyň saglygy üçin howply nogsanlyklary döredýär. Ine, şonuň üçin hem şol nogsanlyklaryň üstünde durup geçmekligi makul bildik. Esasy ýüze çykyp biljek howply keselleriň biri hem botulizm keselidir.**

**Botulizm – iýmit zäherlenmeleriniň iň agyr geçýäni bolup, howply hasaplanylýar. Bu kesel dörediјiler köplenç halatlarda öý şertlerinde taýýarlanyp gaplanan kömeleklerde, gök-bakja önümlerinde, şöhlat önümlerinde, kakadylan balyklarda duş gelýär.**

**Zäherlenmäniň ilkinji alamatlary 4-6 sagatdan 10 gün aralygynda ýüze çykyp bilýär. Ilkinji alamatlaryň ýüze çykmagynyň dowamlylygy adamyň bedenine düşen zäheriň mukdaryna bagly bolup, köplenç halatlarda 6-24 sagadyň dowamynda ýüze çykýar. Bu keseliň ilkinji alamatlary ýiti başlap, gowşaklyk, kellagyry, ýürek bulanma, baş aýlanma ýaly alamatlar ýüze çykyp, soňra botulizm keseliniň esasy alamatlary bolan gözüniň görüjiliginiň peselmegi, göz öňünde dumanyň, gözenekleriň emele gelmegi, daş-töwerekdäki zatlaryň goşalanmagy, göz gabyklaryny galdyrmaklygynyň kynlaşmagy, göz çaşarma ýaly alamatlar peýda bolýar.**

**Gök önümler gaplananda käbir ýönekeý düzgünleriň berjaý edilmegi maşgalaňyzyň saglygyny goramakda ýardam eder. Öý şertlerinde önümler**



**gaplanylanda, aýna gaplar saýlanyp alynmaly (gyş möwsüminde iýmitleri saklamak maksady bilen başga gaplary ulanmak adam saglygy üçin howpludyr, ýagny, polimer, syrçaly we ş.m. gaplar). Aýna gaplary ilki bilen ýuwujy serişdeler bilen ýuwmaly, soňra sowuk suwda oňat durlamaly we gyzgyn (suwuň gyzgynlygy 90-95 derejeden pes bolmaly däl) suw bilen gowy çaýkamaly. Soňra gowy ýuwlan aýna gaplary buga tutmaly. Gaplanjak demir gapaklary we olary gaplamakda ulanyljak tutawaçlary hem 30-40 minut arassa suwda we arassa gapda gaýnatmaly.**

**Öý şertlerinde gaplanjak gök önümleri bazarlardan we beýleki söwda nokatlaryndan satyn almak maslahat berilýär. Sebäbi döwlet gözegçiligindäki söwda nokatlary barlaghanalarda barlagdan geçirilýär.**

**Saýlanyp alnan gök önümler ter we bitin bolmaly. Ulanylmazdan öň gök önümleri gowy arassalamaly we akar suwuň aşagynda gowy ýuwmaly, ownuk miweleri (ülje, ýer tudanasy, smorodina we ş.m.) süzgüçlerde ýuwmak maslahat berilýär. Gaplanylýan önümler hem hökman gaýnatma usulynda (60-90 minut) zyýansyzlandyrylmalydyr.**

**Gaplar ýapylandan soň birnäçe gün garaşmaly, eger-de onuň gapagy çişse ýa-da içindäki suw bulansa şol önümi iýmek ýa-da gaýtadan gaplamak gadagandyr.**

**Mähriban ildeşler! Saglygyňyzy goramak siziň öz eliňizde, şonuň üçin hem her pursatda bereketli saçagyňyzy bezeýän nygmatlar saýlananda gelip çykyşy näbelli, belgileniş nyşany, degişli güwälendiriş resminamalary bolmadyk, ýaramlylyk möhleti geçen, aýratyn hem gaby görnetin zaýalanan, ýakymsyz ysy, bulançak alamatlary bolan iýmit önümlerini ulanmakdan saklanyň!**

**Begnazar BAÝLYÝEW,**
***Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde



**Ýewro zolaga goşulmakçy.** Ýewropa Bileleşigi Geňeşi 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Bolgariýanyň ýewro zolagyna goşulmakçydygyny habar berdi. Bolgariýanyň ýewro zolaga geçişi baradaky karary Ýewropa Bileleşiginiň sammitinde ylalaşyk çözgüdi bilen kabul edildi.



**Ermenistan ŞHG-ä agza bolar.** Ermenistan Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzasy bolmak isleýändigini mälim etdi. Bu barada Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Ani Badalýan habar berdi. «Ermenistan ŞHG-niň esasy ýörelgelerine eýerip, guramanyň agzasy bolmak isleýär» diýip, ol aýtdy.



**Maýkl Jordanyň karty satyldy.** Maýkl Jordanyň goly çekilen karty rekord derejede 2,9 million dollara satyldy. Satyn alyjy kart üçin 2,4 million dollar teklip etdi we auksionyň komissiýasy üçin goşmaça 22% töledi. Bu, alty gezek NBA çempionynyň auksionda satylan kartlary üçin rekord bahadyr.



**Ýeňişleriniň hormatyna atyr.** ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň 2016-njy we 2024-nji ýyllardaky saýlawlarda gazanan ýeňişlerine bagyşlanan atyry satylyp başlandy. «Victory 45-47» atly atyr ABŞ-nyň 45-nji we 47-nji Prezidentiniň hormatyna bagyşlanýar.



**Brendlere girdeji getiren toý.** Jeff Bezos bilen Loren Sançesiň Wenesiýadaky toýy brendlere 222 million dollar girdeji getirdi. Üç gün dowam eden bu dabara 200-e golaý myhman gatnaşdy. Şeýle-de, Bezos bilen Sançesiň toýy Wenesiýanyň býujetine 957 million ýewro goşdy.



**Zenanyň keşbi dikeldildi.** Gent uniwersitetiniň (Belgiýa) halkara arheologlar, bioantropologlar we genetikler topary suratkeşler bilen bilelikde, takmynan, 10,500 ýyl ozal häzirki Belgiýada ýaşan bir zenanyň ýüzüni dikeltdiler. Onuň jesedi 1988-nji ýylda Dinantanyň golaýyndaky Margo gowagyndan tapylypdy.



**Brýus Liniň muzeýi ýapyldy.** Gonkongda belli aktýor we söweş sungatynyň ussady Brýus Lä bagyşlanan muzeý pul serişdeleriniň ýetmezçiligi sebäpli ýapyldy. Muzeýde 2 müň sany artefakt – heýkeller, žurnallar we seýrek duş gelýän suratlar bar. Muzeýiň haçan açyljakdygy belli däl. Brýus Li 1973-nji ýylyň iýul aýynda 32 ýaşynda aradan çykdy.



**Marsdan gelen daş satylar.** 16-njy iýulda Marsdan gelen «NWA 16,788» atly daş bölegi «Sotheby's» auksionynda satylar. Agramy 25 kilograma barabar asman jisimi Mars bilen asteroidiň çaknyşygyndan soň kosmosa zyňylypdyr. Ýeriň dartyş güýjüniň täsirine girip, Sahara çölüne gaçypdyr. Meteoridiň 4 million dollara satylmagyna garaşylýar.



**Ummany gaýykda ýüzüp geçdi.** Britaniýaly Zara Laklan Atlantik ummanynda 7 müň kilometri gaýykda geçip, Ýewropadan Günorta Amerika çenli ýekelikde syýahat eden iň ýaş türgen boldy. Lagos şäherinden ummana çykyp, 97 günde Kaýennanyň kenaryna ýeten 21 ýaşly Laklan yklymdan yklyma geçen ilkinji zenan boldy.

**Iň arzan elektroulag.** Hindistanda iň amatly elektroulagyň satuwy başlandy. «Yakuza Mini Electrik Car»-yň bahasy bary-ýogy 275 ýewro. Şäherde sürmek üçin niýetlenen bu ykjam elektroulag eýýäm ýurduň daşynda hem gyzyklanma döretdi. Zarýady 120-150 kilometre ýetýän ulagyň batareýasy öý şertlerinde 6-7 sagatda zarýad alýar.




# BRICS-iň sammiti geçirildi

6-7-nji iýulda Rio-de-Žaneýroda geçirilen BRICS-iň 17-nji sammitinde bileleşige agza ýurtlaryň liderleri dünýä syýasatynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Bu maslahata birnäçe agza döwlet diňe ministr derejesinde wekilçilik etdi. Hytaýyň we Russiýanyň liderleri bolsa sammite gatnaşmadylar. Braziliýanyň Prezidenti Lula da Silwa çykyşynda, esasan, emeli aň we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleri barada durup geçdi.

– Eger-de halkara ýolbaşçylygy XXI asyryň köp polýarly hakykatyny görkezmeýän bolsa, BRICS topary onuň täzelenmegine goşant goşmalydyr – diýip, Lula da Silwa belledi.

Şu gezek Hytaý tarapyna Döwlet geňeşiniň premýeri Li Sýan, rus wekiliýetine bolsa, daşary işler ministri Sergeý Lawrow ýolbaşçylyk etdi. Wladimir Putin bu maslahata wideoaragatnaşyk arkaly gatnaşdy. Rus lideri häzirki wagtda bileleşigiň ýurtlarynyň arasynda syýasat, ykdysadyýet, medeniýet we ynsanperwer ugurlardaky hyzmatdaşlygyň ösýändigini, şeýle hem onuň dünýä arenasyndaky täsiriniň güýçlenýändigini hem-de ägirt uly mümkinçilige eýedigini belläp geçdi. Putin çykyşynda BRICS-iň Ýer togalagynyň ilatynyň deň ýarysyny eýeleýändigini we dünýä ykdysadyýetiniň 40 göterimini emele getirýändigini belläp geçdi. Rus Lideriniň pikirine görä, milli girdejisi 77 trillion dollar bolan bu topar, 57 trillion dollar milli girdejisi bolan G7-den ep-esli uludyr.

Bileleşige başlyklyk edýän Braziliýa sam-




mit üçin saglygy goraýyş, söwda, maýa goýum we maliýe, howanyň üýtgemegi, emeli aňyň dolandyrylyşy, parahatçylygy goramak we howpsuzlyk, şeýle-de institusional ösüş ýaly strategik taýdan ileri tutulýan ugurlary saýlady.

Bu maslahat noýabr aýynda Amazonkanyň demirgazygyndaky Belem şäherinde geçiriljek COP30 sammitiniň öňüsyrasynda klimata bagyşlanan gün tertibini we daşky gurşawy goramak baradaky borçnamalary öňe sürmäge mümkinçilik döretdi.

# YHG-nyň maslahaty guraldy

3-4-nji iýulda Azerbaýjanyň Hankendi şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) 17-nji sammiti geçirildi. Bu barada guramanyň sekretariaty habar berdi. «Durnukly we howanyň üýtgemegine durnukly geljek üçin YHG-nyň täze garaýşy» atly şygar bilen guralan sammite Azerbaýjan, Türkiýe, Eýran, Pakistan, Gazagystan, Özbegistan, Täjigistan, Gyrgyzystan, Türkmenistan we Owganystan ýaly YHG-ä agza 10 döwletiň ýokary derejeli wekilleri gatnaşdy.

Sammitiň gün tertibi söwdany giňeltmek, durnukly ösüş, howanyň üýtgemegine garşy göreş, ulag koridorlaryny ösdürmek we institusional kada-kanunlary güýçlendirmek ýaly meseleleri öz içine aldy. Sammite gatnaşyjylar energiýa, ylym, bilim, syýahatçylyk we inklýuziw ösüş boýunça hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga ygrarlydyklaryny tassykladylar. Çärä gatnaşyjylar sammitiň netijeleriniň YHG-ä agza ýurtlaryň arasynda özara peýdaly hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmaga goşant goşjakdygyny bellediler. YHG-nyň indiki sammitiniň 2027-nji ýylda Eýranda geçiriljekdigi mälim edildi.

1964-nji ýylda Eýran, Pakistan we Türkiýe tarapyndan esaslandyrylan Ösüş üçin sebitleýin hyzmatdaşlyk atly gurama häzirki adyny 1985-nji ýylda aldy. YHG sebitinde 460 million adam ýaşaýar. Onuň meýdany 8 million inedördül kilometrden geçip, demirgazygy günorta bilen, günorta-gündogary günbatar bilen, Aziýany Ýewropa bilen, Ýewraziýa-



ny arap dünýäsi bilen birleşdirýär. YHG-nyň agzalary Azerbaýjan, Owganystan, Eýran, Gazagystan, Gyrgyz Respublikasy, Pakistan, Täjigistan, Türkiýe, Türkmenistan we Özbegistan. YHG-de synçy derejesi beýleki sebit ýa-da halkara guramalar, döwletler we institutlar üçin açykdyr. Häzirki wagtda Türki Döwletleriniň Guramasy (2014-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri) we Halkara Energetika Hartiýasy (2017-nji ýylyň fewral aýyndan bäri) YHG-nyň synçylarydyr.

# Saýlaw kampaniýasy başlady

Ýaponiýada Liberal demokratik partiýanyň (LDP) ýolbaşçylygyndaky ýurduň dolandyryjy bileleşiginiň geljegini kesgitleýän parlamentiň ýokarky palatasyna geçiriljek saýlawlardan öňki kampaniýa resmi taýdan başlandy. Saýlawlar 20-nji iýulda geçiriler. Parlamentiň ýokarky palatasynyň wekilleriniň ygtyýarlyk möhleti 6 ýyl bolup, her 3 ýyldan bir gezek saýlawlar geçirilýär. Saýlawlarda 248 orunly palatanyň agzalarynyň diňe ýarysy gaýtadan saýlanýar.




Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sigeru Isibanyň ýolbaşçylygyndaky LDP-niň dolandyryjy koalisiýasy we «Komeýto» partiýasy häzirki wagtda köplük bolup durýar (140). Şeýle-de bolsa, 2024-nji ýylyň güýzünde parlamentiň aşaky palatasyna geçirilen saýlawlarda hökümetiň hem-de dolandyryjy partiýanyň goldaw derejesiniň pes bolup, ýerli bilermenler Isibanyň partiýasynyň üstünlik gazanyp bilmejekdigini çaklaýarlar.

2024-nji ýylda Isibanyň ýolbaşçylygyndaky Liberal demokratik partiýasy aşaky palatada köplügini ýitirdi, bu bolsa durnuksyz hasaplanýan azlyk hökümetiniň döremegine sebäp boldy.

# Partiýa agzalarynyň sany 100 milliondan geçdi

Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň agzalarynyň sany geçen ýyl 108 müňden gowrak artyp, ýylyň ahyryna çenli 100,271 milliona ýetdi. Şeýlelikde, partiýanyň agzalary bir ýylda 108,6 müň köpelip, 1,1% ýokarlandy.

Partiýanyň düzüminde 30,99 million zenan bolup, bu umumy sanyň 30,9 göterimine deň. Milli azlyklaryň wekilleri 7,725 müň adam (7,7%). 57,78 million partiýa agzasynyň (57,6%) orta we ýokary bilim baradaky diplomy bar. Partiýa özüni işjeň ýagdaýda täzeleýär: 30 ýaşa çenli ýaşdaky 12,27 million, 61 ýaşdan uly 28 million agzasy bar. 2024-nji ýylda partiýanyň hataryna 213,1 müň täze agza goşuldy, şolardan 81,2 müňüsi talyplar. Täze agzalaryň 46 göterimden gowragy zenanlar, 83,7 göterimi 35 ýaşa çenliler.

2024-nji ýylda tutuş ýurtda 175 müň öňdebaryjy partiýa guramasy bellige alnyp, 728 müň görnükli kommunist sylaglandy, şeýle-de 894 müň adam partiýanyň 50 ýyllygy mynasybetli ýadygärlik medaly bilen sylaglandy. Partiýa girmek üçin ýüz tutanlaryň sany 2,142 müň adama, işjeň dalaşgärleriň sany 1061,1 müň adama deň boldy.

Partiýa guramasy ulgamy, tutuş ýurt boýunça şäherleriň, etraplaryň we obalaryň 99,9 göterimden



gowragyny öz içine alýar. Hususan-da, 31 welaýat komiteti, 397 şäher komiteti we 2777 etrap komiteti bar. Kärhanalarda, edaralarda, döwlet edaralarynda we jemgyýetçilik birleşiklerinde 3,5 milliondan gowrak partiýa bölümleri hereket edýär.

# «Lexus» Hytaýda zawod gurýar

«Toyota»-nyň premium brendi «Lexus» Şanhaýda täze energiýa çeşmeleri bilen işleýän ulaglary öndürýän zawod gurup başlady. Bu tutuşlygyna daşary ýurtlulara degişli ikinji awtoulag öndürýän zawod bolar. Gurluşygyň 2026-njy ýylyň awgust aýynda tamamlanmagyna we önümçiligiň 2027-nji ýylda başlamagyna garaşylýar. Deslapky maglumatlara görä, onuň ýyllyk önümçilik kuwwaty 100 müň awtoulag bolar.

«Lexus» (Şanhaý) «New Energy Co.Ltd.»-niň sermaýasy 740 million dollar. Zawodyň umumy meýdany, takmynan, 1,13 million inedördül metri eýeläp, bu «Tesla»-nyň Şanhaýdaky zawodynyň meýdanyndan has uludyr.

Hakykatdan-da, Şanhaý häkimiýetleri bilen «Toyota»-nyň arasynda hyzmatdaşlyk resminamasyna gol çekilen pursatyndan başlap, binýa-




dyň düýbi tutulýança iki aý geçdi. Ýerli işgärler bu prosesi «Lexus»-yň tizligi diýip atlandyrdylar. Ýapon awtoulag öndürijisi bu maýa goýumlary arkaly Hytaý we halkara bazarlaryna has laýyk gelýän elektroulaglary işläp düzüp, elektrik we «akylly» öwrülişigi çaltlandyrmagy maksat edinýär.

# BSGG ýalňyzlygy zyýanly diýip ykrar etdi

Ýalňyzlyk her ýylda 870 müňden gowrak adamyň ömür tanapyny kesýän global howp bolup durýar. Bu barada Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) habar berýär. Ýaşlaryň arasynda ýagdaý has-da aladalandyrýar: köplenç 13 ýaşdan 29 ýaş aralygyndaky adamlar ýalňyzlykdan ejir çekýärler. Statistika görä, Ýer ýüzündäki her altynjy adam özüni ýalňyz duýýar. Aýratyn-da, jemgyýetçilik torlarynda we tükeniksiz sanly mazmun dünýäsinde ýaşaýanlar has ejiz bolup çykdylar. Sebäbi wirtual aragatnaşyk janly aragatnaşyklaryň ýerini tutmaýar, köplenç diňe izolýasiýa duýgusyny güýçlendirýär.

BSGG-niň hünärmeni Çido Mpembanyň pikiriçe, ýalňyzlyga garşy göreşmek üçin janly sosial aragatnaşyklary durmuşyň ähli ugurlaryna – bilimden we işden başlap, sanly gurşawa birikdirmeli. Ýogsam, ýaşlaryň millionlarçasy ýalňyz galarlar. Hünärmenleriň pikiriçe, ýalňyzlyk diňe bir psihologik mesele däl. Ýalňyzlyk



saglyga howp derejesi taýdan çilim çekmek ýa-da semizlik bilen deňeşdirilip, ýürek-damar we ruhy keselleriň töwekgelçiligini ýokarlandyrýar, şeýle-de ömrüň dowamlylygyny azaldýar.

# Gökdirän gurmak meýilleşdirilýär

Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde iki sany täze gökdirän binanyň gurluşygyna girişmäge taýýarlyk işleri dowam edýär. Bu iki gökdiräni «Gazprom» energiýa kompaniýasy tarapyndan «Lahta merkeziniň» (462 metr) gapdalynda gurmak meýilleşdirilýär. Täze gökdiränleriň beýikligi 555 we 703 metre deň bolar.

2025-nji ýylyň maý aýynda Sankt-Peterburgyň şähergurluşyk komiteti «Sinergiýa» paýdarlar jemgyýetiniň Primorskiý etrabynda «Lahta Merkezi-2» we «Lahta merkezi-3» gökdirän binalaryny gurmak üçin taslama resminamalaryny taýýarlamak baradaky arzasyny tassyklady. Bu işler şu ýylyň ahyryna çenli tamamlanar, gurluşygyň özi bolsa 2031-nji ýyla çenli tamamlanar. Hünärmenler bu taslamanyň şäheriň keşbine aýratyn gözellik berjekdigini belleýärler. Sankt-Peterburgyň taryhy bölegi, adatça, 7-9 gatly binalary bilen tapawutlanýar.



# Nebit çykarylyşyny artdyrýar

**OPEK+ ýurtlary awgust aýynda nebitiň çykarylyşyny her gün 548 müň barrel ýokarlandyrjakdygyny habar berdiler. Bu iýul aýy bilen deňeşdirilende, has ýokary depgin bolup durýar. Iýul aýynda OPEK+ ýurtlary öz meýilnamasynyň çäginde nebit önümçiliginiň her gün 411 müň barrele çenli ýokarlanandygyny habar berdiler.**

**Bu karar Saud Arabystany, Russiýa, Yrak, Birleşen Arap Emirlikleri, Kuweýt, Gazagystan, Alžir we Oman ýaly ýurtlaryň global bazar şertlerini we geljegini gözden geçirýän wirtual ýygnakda kabul edildi diýlip, guramanyň web sahypasynda çap edilen beýanatda aýdylýar. Şeýle hem beýanatda önümçiligiň kem-kemden ýokarlanmagynyň bazar şertleriniň üýtgemegine baglylykda togtadylyp ýa-da ýatyrylyp bilinjekdigi mälim edilýär.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1975-nji ýylyň 11-nji iýulynda Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda «Terrakota goşuny» diýlip atlandyrylýan müňlerçe gadymy söweşijiniň heýkelleri tapyldy. Ýerli daýhanlar guýy gazyp ýörkä, aýratyn heýkelleriň üstünden barýarlar. Bu açyş XX asyryň iň möhüm arheologik tapyndylaryndan biri hasaplanýar.**



# SYÝAHATÇYLYK ZOLAGY AÇYLDY

**Koreýa Halk Demokratik Respublikasynda Wonsan-Kalma syýahatçylyk zolagy ulanmaga berildi. Dünýä derejesindäki şypahana gündogar kenarda, Kalma ýarym adasyndaky Wonsan şäherinde ýerleşýär.**

**Ýerli bilermenler baý syýahatçylyk mümkinçiliklerine eýe bolan KHDR-de syýahatçylyk pudagynyň uly geljeginiň bardygyny belleýärler. Olaryň aýtmagyna görä, syýahatçylyk ykdysady ösüş üçin güýçli hereketlendiriji, medeni ösüşe we sebitleýin gülläp ösüşe itergi berip biler.**

**Uly kenarýaka syýahatçylyk zolagynyň 4 kilometre uzaýan kenarda ýerleşýändigi, bir wagtda 20 müň töweregi myhmany kabul edip biljekdigi habar berilýär. Toplumyň çäkleri myhmanhanalary, söwda we güýmenje merkezlerini, plýažlary, sport meýdançalaryny, restoranlary we akwaparky öz içine alýar. Şypahana zolagy ýerli syýahatçylar üçin 1-nji iýulda açyldy. Daşary ýurtly syýahatçylaryň ol ýere haçan baryp biljekdigi entek mälim edilmedi.**





# DOŇDURMANYŇ IŇ ÝÖRGÜNLI GÖRNÜŞLERI

**Doňdurma tomus paslynda köp iýilýän iýmitleriň biri bolup, howanyň yssy günleri jana şypa berýär. Sowuk we süýji iýmitiň taryhy has irki ýyllardan gözbaş alýar. Taryhy maglumatlara görä, Hytaýda we Turanda gara ýa-da buza miwäniň sowadylan bölejikleri goşulyp, doňdurma taýýarlanypdyr. Taryhy ýazgylara görä, XVII asyrda süýt (gaýmak) bilen şeker külkesi garylyp, häzirkilere meňzeş doňdurma taýýarlanypdyr. Häzirki wagtda uludan kiçi hemmäniň söýgüli iýmitine öwrülen doňdurmanyň 100-den gowrak görnüşi bar. Gazetimiziň şu sanynda doňdurmanyň ýörgünli görnüşleri bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**«Gelato», Italiýa.** Gastronomiýanyň öňdebaryjy ýurtlaryndan bolan Italiýanyň pizza, spagetti ýaly dünýä belli tagamlarynyň biri-de «gelato» doňdurmasydyr. «Doňaklyk» diýen manyny aňladýan «gelato» dünýäde uly isleg bilen alynýan doňdurma görnüşidir. Iň täze we ter önümlerden taýýarlanýan «gelato»-nyň düzümine ýumurtga hem goşulýar. Gaýmakly, wanilinli, şokoladly, badamly, fundukly hem-de pisseli görnüşleri bolan doňdurma alma, ýertudana, malina, limon, ananas ýaly miweler hem goşulýar. Dykyzlygy bilen tapawutlanýan «Gelato» doňdurma önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy ýurtlaryndan bolan Italiýadan beýleki ýurtlara yzygiderli eksport edilýär.



**«Maraş doňdurmasy», Türkiýe.** Türkiýäniň dünýä belli tagamy bolan maraş doňdurmasy geçi süýdünden, orhideýanyň köküniň külkesinden hem-de şekerden taýýarlanylýar. Ilkinji gezek XV asyrda maraşly Osman aga tarapyndan taýýarlanan bu doňdurma Türkiýäniň diňe Kahramanmaraş welaýatynda öndürilýär. Dünýäniň ençeme ýurduna eksport edilýän bu doňdurmanyň ýene bir üýtgeşik tarapy, onuň düzüminde bar bolan witaminleri bilýänleriň sanynyň juda az bolmagydyr. Süýnýän bu doňdurma A, B, C, D, E witaminlerine baý iýmitdir.



**«Mochi», Ýaponiýa.** Tüwi unundan taýýarlanýan bu tagamyň daşy ýumşak marmelady ýadyňa salýar. Ýaponlaryň meşhur doňdurmasy bolan «mochi»-niň düzüminde tüwi unundan edilen hamyryndan başga-da, suw, şeker hem-de krahmal bar.



**«Frozen yogurt», ABŞ.** Amerikalylaryň iň söýgüli doňdurmasy bolan bu önümiň düzüminiň esasyny süýt bilen ýogurt emele getirýär. Ýogurtly doňdurmanyň ýaglylygy az bolany üçin ýeňil hasaplanýar. ABŞ-nyň çäginde giňden ýaýran «Frozen yogurt»-yň üstüne ýa-da içine kiwi, ýertudana, malina, banan ýaly miweler, owradylan köke ýa-da maňyz goşulyp hödür edilýär.



**«Paletas», Meksika.** Buzly doňdurma görnüşi bolan «paletas» meksikalylaryň söýgüli tagamlarynyň biridir. Içi miweli bu doňdurma «doňdurylan miwe» hem diýilýär. Limon, kiwi, ýertudana hem-de miwe şiresi garylan, köpçülik tarapyndan gowy görülýän «paletas» özboluşly gapjagazyň içinde doňdurylyp taýýarlanýar. «Paletas»-yň hyrydary Latyn Amerikasynda, ABŞ-da hem-de Kanadada juda köp bolup, köçede satylýan bu doňdurma öz gözbaşyny 1870-nji ýyllardan alyp gaýdýar.



**«Spaghettieis», Germaniýa.** Görnüşi italýanlaryň spagetti tagamyna meňzeş bu doňdurmany 1960-njy ýyllarda Germaniýanyň Mangeým şäheriniň ýaşaýjysy Dario Fontanella oýlap tapýar. Onuň düzümi wanilin, ýagly gaýmak (krema), ýertudananyň şiresi hem-de ak şokoladyň gyryndysyndan ybarat. Spagetti ýaly görünmegi üçin bu doňdurma gyrgyçdan geçirilýär.



**«Sorbetes», Filippinler.** Ýurduň milli tagamlarynyň biri bolan «sorbetes» doňdurmasy kokosyň süýdünden taýýarlanýar. Gäwmişiň süýdünden hem taýýarlanýan bu doňdurmanyň düzümine mangonyň, awokadonyň, ýertudananyň, gawunyň hem-de ýerli käbir miweleriň suwy goşulýar. 1979-njy ýylda «Mamang Sobetero» atly filmi hem surata düşürilen bu doňdurma aglaba köçede satylýar.



**«Ais kacang», Malaýziýa.** Diňe bir Malaýziýada däl, eýsem, Singapur we Bruneýde-de köpüň söýgüsini gazanan «ais kacang» doňdurmasyna ABC hem diýilýär. «Noýba buzy» diýen manyny aňladýan «ais kacang» ilkinji gezek buzdan we gyzyl noýbadan taýýarlanypdyr. Häzirki wagtda içine mekge, arahis we dürli miweler goşulyp iýilýär. Malaýziýada «ais kacang»-yň üstüne bir çemçe doňdurma goýlup, hödür edilýär.



**«Kulfi», Hindistan.** XVI asyrda Beýik Mogollar imperiýasy döwründe oýlanyp tapylan bu doňdurma diňe bir Hindistanda däl, Uzak Gündogar Aziýa ýurtlarynda-da giňden ýaýrandyr. Hindistanyň hem-de Pakistanyň milli tagamlarynyň hatarynda görkezilýän «kulfi» beýleki doňdurmalara görä, ýagly hasaplanýar. «Kulfi» «üsti örtülen käse» diýen manyny aňladýar. Sygyr süýdünden taýýarlanýan bu özboluşly tagamyň bägülli, mangoly, safranly hem-de pisseli görnüşleri has ýörgünlidir.



# Sakgyç çeýnemek peýdalymy ýa-da zyýanly?!

Sakgyç çeýnemek agyz boşlugyny arassalamaga we stresi azaltmaga kömek edýär. Muňa garamazdan eňek we iýmit siňdiriş bilen bagly, şeýle hem bedene mikroplastik bölejikleriň täsir etmegi bilen bagly käbir töwekgelçiliklere sebäp bolýar. Hünärmenler sakgyç çeýnemegiň peýdaly we zyýanly taraplaryny seljerip, şeýle netijä geldiler.

ABŞ-da geçirilen barlaglara 3 müňden gowrak adam gatnaşdy. Meýletinçileriň 60 göterimden gowragynyň ortaça 6 aýda bir gezek sakgyç çeýneýändigi habar berildi. Lukmanlaryň gelen netijesine görä, sakgyç agyzdaky kislotany zyýansyzlandyryp, dişleri çüýremekden gorap saklaýan tüýküligiň bölünip çykmagyna ýardam edýär. Sakgyç agyz boşlugyndaky we dişleriň arasyndaky iýmit galyndylaryny aýyrýar. Agzyň guramagynyň öňüni alyp, dem alşy gowulandyrýar. Esasan hem, şekersiz sakgyç dişler üçin has gowudyr.

Geçirilen barlaglara görä, nahardan soň her gün 15-20 minut sakgyç çeýnemek agyz boşlugynda döräp biljek bakteriýalary 17 göterime çenli azaldýar. Şeýle hem käbir adamda naharlanylandan soň döreýän ýürek bulanma alamatlaryny sakgyç çeýnemek arkaly aýryp bolýar. Sakgyç çeýnemegiň käbir adamyň pikirini jemlemäge we stres alamatlaryny azaltmaga ýardam edýändigi ýüze çykaryldy.

Häzirki wagtda hünärmenler sakgyç çeýnemegiň peýdaly taraplarynyň sebäbini anyk bilmeýärler. Ýöne sakgyç çeýnemegiň gan aýlanyşyny çaltlandyryp, beýnini işjeňleşdirýändigi baradaky garaýşy öňe sürýärler.

Hünärmenler sakgyç çeýnemegiň zyýanly taraplary barada hem belläp geçýärler. Aşa köp sakgyç çeýnelende aşgazanda kislota önümçiligi ýokarlanyp, gyjynma ýa-da ýürek bulanma ýaly alamatlara sebäp bolup biler. Esasan hem, aç garnyňa sakgyç çeýnemek zyýanly hasaplanýar.

Käbir ýagdaýlarda bilmezden sakgyç ýuwdulýar. Aşgazana düşen sakgyç eremeýär ýa-da özleşmeýär. Ýuwdulan sakgyç çişme, ýellenme we garyn agyrysy ýaly alamatlary döredip, bir hepdeden birnäçe ýylyň dowamynda bedenden çykyp gidýär. Hünärmenleriň pikiriçe, sakgyçda polietilen we



poliwinil asetat ýaly plastmassa galyndylary saklanýar. Bu maddalar sakgyja çeýelik berýär. Sakgyçdaky plastmassa galyndylary dişe ýapyşýar we tüýkülik arkaly iýmit siňdiriş ulgamyna barýar. Bu bolsa saglyga oňaýsyz täsir edýär. Soňky geçirilen barlaglarda plastmassa bölejikleriniň sakgyç çeýnelip başlanandan birnäçe minutyň dowamynda dişe ýapyşýandygy ýüze çykaryldy. Şonuň üçin tagamyny ýitiren dessine sakgyjyň täzesini çeýnemegiň deregine şol bir sakgyjy çeýnemek zyýansyz bolup biler. Ýere taşlanan sakgyç 20-25 ýyl aralygynda topraga garylýar. Şol sebäpli sakgyjy ýere taşlamakdan saklanmaly. Çeýnäp bolanyňdan soň, sakgyjy gabygyna ýa-da kagyz süpürgije dolap, zibil gutusyna oklamaly.

5 ýaşa ýetmedik çagalara sakgyç çeýnemäge rugsat berilmeýär. Şeýle hem köp ýurtda arassaçylygy berjaý etmek we ünsüňi sapaklardan sowmazlyk üçin mekdeplerde sakgyç çeýnemek gadagan edilýär.

Singapurda sakgyç satmak gadagan bolup, çeýnemek hem çäklendirilýär. Iň köp sakgyç çeýnelýän ýurt Andorra bolup, bir adam her ýyl ortaça 900 gram sakgyç çeýneýär. Sakgyç önümçiliginde Hytaý, Meksika we Türkiýe öňdeligi eýeleýär.

## ÇAGALAR

**Her ýyl dünýäde 20 milliard jübüt aýakgap öndürilýär. Aýakgap önümçiliginde Hytaý öňdeligi eýeleýär.**

(Tymsal)

# Ýagşylygyň parçalary

Bir maşgala dynç alyş gününi deňiz kenarynda geçiripdir. Çagalar deňizde suwa düşüpdirler hem-de çägeden geň-enaýy jaýjagazlary ýasapdyrlar.

Birdenem, uzakdan bir garry kempiriň garasy görnüpdir. Garry kempir könelen egin-eşigini ýele ykjadyp gelşine, öz ýanyndan hümürdäp, käwagt aşak eglip, ýerden bir zatlar alyp, torbasyna salýardy. Ene-atalary çagalaryny ýanyna çagyryp, bu gelýän garrydan gaçarak durmagy tabşyrypdyrlar. Ol çagalaryň golaýyndan geçip barýarka, ýerden bir zatlar çöpläp barşyna olara garap ýylgyrypdyr, ýöne onuň ýylgyrşyna hiç kim üns bermändir.

Olar başga bir gezek deňiz kenaryna dynç almaga baranlarynda bu garry kempiriň çagalaryň aýagyny gyýaýmasyn diýip, hemişe deňziň kenaryndaky çüýşe gyýçaklaryny çöpleýändigini bilip galypdyrlar.

Ýagşylykdan ýamanlyk gözleme.
Ýagşylygy bilmeseň, ýagşylyga goşul.
Ýagşylyk iňňäniň gözünden görner.



## Aýakgap barada gyzykly maglumatlar

- Aýakgabyň ilkinji görnüşini Aziýada ýaşan çarwa taýpalary geýipdir. Takmynan, 1000-nji ýyllarda skifler at münenlerinde aýagyny otdan-çöpden goramak üçin deriden tikilen uzyn gonçly aýakgaplary geýipdirler.
- Rezin bilen örtülen ilkinji aýakgap 1830-njy ýylda oýlanyp tapylýar. Çarlz Gudýer gyzdyrylan kauçuga kükürt goşmak bilen aýakgap öndürmek üçin çeýe material taýýarlaýar.
- Ilkinji sport aýakgaplary 1860-njy ýyllarda peýda bolýar. «Plimsolls» diýlip atlandyrylan bu krossowkalar matadan tikilip, ökjesinde maýyşgak rezin goýlupdyr. Bu krossowkalarda ilkibaşda kroket we tennis oýnalypdyr.
- «Converse All Stars» firmasy ilkinji bolup köpçülikleýin basketbol köwşüni öndürýär. 1917-nji ýylda döredilen ýyldyzly ketalar iň meşhur sport aýakgaplarynyň birine öwrülýär.
- «Adidas» we «Puma» ýaly meşhur kompaniýalar doganlaryň bäsdeşligi esasynda döredilýär. Adolf (Adi) Dassler «Adidas»-y, dogany Rudolf Dassler «Puma»-ny esaslandyrýar.
- Beýik ökjeli aýakgaby ilkibaşda zenanlar däl-de, erkekler geýipdir. X asyrda pars esgerleri at münende aýagyny berk saklamak üçin ökjeli aýakgap geýipdirler. Bu stil soňra Ýewropa ýurtlaryna ýaýrap, zenanlaryň arasynda meşhur bolupdyr.
- XVII asyrda beýik ökjeli gyzyl köwüşler Fransiýada modanyň nyşanyna öwrülýär.



- Amerikada ýaşaýanlaryň ortaça 19 jübüt aýakgaby bar. Amerikalylarda zenanlara görä, erkekler aýakgap kolleksiýasyna has köp üns berýärler.
- Dünýäde iň beýik ökjeli köwüş 50 santimetr beýiklikde bolup, uzyn köwşi hindi dizaýneri Jeýms Siýemiong işläp taýýarlaýar. Tagta bilen gönden ýasalan, ýüzünde gaşlary bolan goňur aýakgap modanyň nyşanyna öwrülýär.
- Her ýyl dünýäde 20 milliard jübüt aýakgap öndürilýär. Aýakgap önümçiliginde Hytaý, Hindistan, Braziliýa we Wýetnam ýaly ýurtlar öňdeligi eýeleýär.
- Dünýädäki iň uly aýakgabyň uzynlygy 6,4 metr, ini 2,4 metr we beýikligi 1,65 metr bolup, 2013-nji ýylda Hytaýyň Gonkong şäherinde döredilýär.
- 1817-nji ýylda suw geçirmeýän rezin aýakgap oýlanyp tapylýar. Bu oýlap tapyş daýhanlara we açyk meýdanda işleýänlere uly ýeňillik döredýär.
- Soňky ýyllarda «Xiaomi» we «Digitsole» ýaly söwda markalary tarapyndan «akylly» aýakgaplar öndürildi. «Akylly» aýakgaplar geçen ýoluňy, ýakan kaloriýaňy we hatda aýagyň gyzgynlygyny bilmäge ýardam edýär. Içinde sensorlar ornaşdyrylan bu aýakgaplar smartfon telefonlara baglanýar.

# Balyklaryň ýady näçe wagtlyk?!

**Balygyň ýatkeşliginiň pesdigi barada irki döwürlerden bäri gürrüň edilýär. Köpler balygyň 3 sekuntlyk ýada eýedigine ynanýar. Käbir halkda bolsa ýady gowşak adamlary suratlandyrmak üçin «Balygyň ýatkeşligi ýaly» diýen jümle ulanylýar. Eýsem, hakykatdanam altyn balygyň 3 sekuntlyk ýady barmy? Balyklar bolan zatlary näçe wagtlap ýadynda saklap bilýärkä?!**

Geçirilen ylmy barlaglar balyga mahsus bu gürrüňleri tassyklamaýar. Balygyň 3 sekuntlyk ýady bar diýen pikir altyn balyga degişli hasap edilýär. Ýakynda altyn balyklar bilen bagly synaglar geçirildi. Barlaglaryň netijesine görä, altyn balygyň birnäçe hepde ozalky wakalary, akwariumda bolup geçen ýagdaýlary ýadyna salyp bilýändigi ýüze çykaryldy. Altyn balyk biziň pikir edişimizden has akylly we köp zady ýatda saklap bilýär.





Ihtiologiýa (balyklary öwrenýän ylym) balyklaryň, şol sanda köp gürrüňi edilýän altyn balygyň has güýçli ýatkeşliginiň bardygyny tassyklaýar. Ihtiologlar balyklara iým berenlerinde her gün şol bir sazy (ses) goýberipdirler. Birnäçe hepdeden soň balyklar şol sesi eşidenlerinde iýmitlenmek üçin akwariumda ýokarlygyna ýüzüp başlapdyrlar.

Balyklaryň ummanlara uýgunlaşmak ukyby ýatkeşlik bilen berk baglanyşyklydyr. Awstraliýada geçirilen barlaglarda balyklaryň iýmitleniş wagtyny we iýmitlenýän ýerini, hatda ummanyň haýsy ýerlerinde howpuň bardygyny ýatda saklap bilýändigi ýüze çykaryldy. Balyklaryň ýatkeşligi özüni alyp barmagyna täsir edýär. Dünýäde gowşak ýatkeşligi bolan balyk gök tang balygy hasaplanýar. «Nemonyň gözleginde» atly multfilmde Dori atly gök balygyň üsti bilen tang balyklarynyň ýatkeşliginiň pesdigi suratlandyrylýar. Multfilme tomaşa eden bolsaňyz, Dori aýdylan sözleri, akyma görä gidilmeli ugurlary, hatda wakalaryň arasynda Marlin bilen bilelikde Nemonyň gözlegine çykandygyny hem ýatdan çykarýar. Balyklar bolup geçen wakalary, ýaşaýan ýerini we «dostlaryny» birnäçe hepdeden başlap, birnäçe ýyllara çenli ýatda saklap bilýärler.

## Zehin SOWALY

- Ylgaw ýaryşyna gatnaşan Şamyrat başdan soňa sanalanda-da, soňdan başa sanalanda-da 7-nji boldy. Ýaryşa jemi näçe türgen gatnaşypdyr?
- Gyzylgülüň elindäki gülleriň ikisinden galany çigildem, ikisinden galany bägül we ikisinden galany çopantelpek. Gyzylgülde näçe gül bar?
- Köçäniň gyrasyna arasy üç metrden jemi 21 nahal oturdylypdyr. Şeýle ýagdaýda birinji nahal bilen soňky nahalyň aralygy näçe metr bolar?
- Öýde bäş dogan bar. Aman aýdym diňleýär, Arzuw kitap okaýar, Gözel surat çekýär, Aly küşt oýnaýar. Eýsem, bäşinji dogan Myrat näme işleýär?

*Jogaplary:*
*1. 13.*
*2. 3.*
*3. 60 metr.*
*4. Aly bilen küşt oýnaýar.*

## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Labirint



## 10 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat



# TRANSFER TÄZELIKLERI

### Kaýl Wolkeriň täze topary



Angliýaly meşhur futbolçy Kaýl Wolker 6 aýdan soň ýene-de öz ýurduna dolandy. Geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Milanda» kärendesine oýnan ýyldyz oýunçy «Mançester Sitiden» «Premier Liga» gaýdyp gelen «Börnli» toparynyň düzümine goşuldy. 35 ýaşyndaky sag gyraky goragçy «Börnli» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Börnli» topary Wolkeriň transferi üçin şäherlilere 6 million ýewro golaý pul töläр. Karýerasyna «Şeffild Ýunaýtedde» başlan Wolker «Nortampton Tawn», KPR, «Aston Willa» klublarynda kärendesine çykyş etdi. «Tottenhamda» 6 möwsüm oýnan Wolker 2017–25-nji ýyllar aralygynda-da «Mançester Sitiniň» köýnekçesini geýdi. Şäherlileriň düzüminde APL-de 6 çempionlyk gazanan Wolker Angliýanyň ýygyndysynda 96 oýunda meýdança çykdy.

### 18 ýyldan soň ilkinji kluby bilen şertnama baglaşdy



Soňky 2 möwsümi Portugaliýanyň «Benfika» klubunda geçiren argentinaly ýyldyz oýunçy, Dünýä Kubogynyň ýeňijisi Anhel Di Mariýa 18 ýyldan soň ilkinji toparyna dolandy. Ol maý aýynda bu habary beripdi. 37 ýaşyndaky oýunçy 2005-nji ýylda professional karýerasyna başlan topary «Rosario Sentral» bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2007–10-njy ýyllarda «Benfikada», 2010–14-nji ýyllarda «Real Madridde», 2014–15-nji ýyllarda «Mançester Ýunaýtedde», 2015–22-nji ýyllarda PSŽ-de, 2022–23-nji ýyllarda «Ýuwentusda» hem-de 2023-25-nji ýyllarda ýene-de «Benfikada» çykyş eden Di Mariýa şu klublarda 813 oýunda 197 gol geçirdi. Argentinanyň ýygyndysynda-da 145 duşuşykda 31 gezek tapawutlanan Di Mariýa 36 kubok gazanmagy başardy.

### «Milanyň» tomusdaky ilkinji transferi



Möwsümi kuboksyz tamamlan Italiýanyň «Milan» topary tomusdaky ilkinji transferini resmi ýagdaýda mälim etdi. RosseneriliIer «Torino» toparyndan 23 ýaşyndaky ýarymgoragçy Samuele Riççini düzümine goşdy. «Milan» kluby italiýaly oýunçynyň transferi üçin turinlilere 23+1,5 million ýewro berer. Riççi «Milan» bilen 4+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Riççi «Empolide» futbola başlap, ol bu klubda 2,5 möwsüm çykyş etdi. «Torinoda» 3,5 möwsüm oýnan Riççi «Serie A»-da şu wagta çenli 137 duşuşykda 5 gol geçirdi. Riççiniň Italiýanyň milli ýygyndysy bilenem 10 duşuşygy bar.

### «Çelsi» ýene bir hüjümçini transfer etdi



Angliýanyň transferden doýmaýan topary «Çelsi» düzümine ýene bir oýunçy goşdy. Londonlylar nemes kluby «Borussiýa Dortmunddan» angliýaly winger hüjümçi Jeými Baýnu-Gittensi transfer etdi. «Çelsi» kluby 20 ýaşyndaky oýunçynyň transferi üçin dortmundlylara umumylykda 65 million ýewro berer. Gittens Çelsi bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy. Gittens «Borussiýa Dortmundda» 4 möwsüm oýnap, 107 oýunda 17 gezek tapawutlandy. Jeými Gittens çagalyk ýyllarynda «Çelsiniň» düzüminde az wagtlyk oýnapdy. Gittens «Çelsiniň» şu tomusda düzümine goşan 3-nji hüjümçisi, umumylykda-da 8-nji futbolçysydyr.

### «Arsenal» bu tomusda-da «Real Sosiedaddan» futbolçy transfer etdi



Londonyň «Arsenal» topary ispan kluby «Real Sosiedaddan» ýarymgoragçy Martin Zubimendini transfer etdi. «Arsenalyň» kassasyndan bu transfer üçin umumylykda 65 million ýewro çykar. 26 ýaşyndaky ispan futbolçysy «Arsenal» bilen 2030-njy ýyla çenli şertnama gol çekişdi. 2016-njy ýylda «Real Sosiedad B» toparynda futbola başlan Zubimendi san-sebastianlylaryň düzüminde 236 duşuşykda 10 gezek tapawutlandy. Ispaniýanyň milli ýygyndysynda hem çykyş edýän Zubimendi matadorlaryň köýnekçesini 19 oýunda geýdi. Zubimendi «Arsenalda» 36-njy belgili köýnekçäni geýer. «Arsenal» geçen tomusda-da «Real Sosiedaddan» Mikel Merinony transfer edipdi. Norwegiýaly oýunçy Martin Edegor hem 2020-nji ýylda «Real Madridden» «Arsenala» geçmezden öň «Real Sosiedadda» kärendesine oýnapdy.

### Ýyldyz hüjümçi «Ýuwentusda» oýnar



Italiýanyň «Ýuwentus» topary Fransiýanyň «Lill» toparyndan gaýdan kanadaly hüjümçi Jonatan Dewidi tölegsiz düzümine goşdy. 24 ýaşyndaky hüjümçi turinliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Dewid şertnama baglaşany üçin «Ýuwentusdan» 12,5 million ýewro, ýyllyk 6 million ýewro hak alar. Professional karýerasyna Belgiýanyň «Gent» toparynda (2018-2020) başlan Dewid «Lill» toparynda 5 möwsüm oýnady. Fransuz klubunda 232 duşuşykda 109 gol salan Dewid Kanadanyň ýygyndysynda-da 67 oýunda meýdança çykdy (36 gol).

### Jon Duran «Fenerbahçeniň» oýunçysy boldy



Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary Saud Arabystanynyň «Al Nassr» klubunda çykyş edýän kolumbiýaly hüjümçi Jon Durany transfer etdi. 21 ýaşyndaky futbolçy türk topary bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Fenerbahçe» kärende tölegi üçin arap klubuna 7 million ýewro töläр. Kolumbiýaly hüjümçi şu ýylyň ýanwarynda «Aston Willadan» «Al Nassr» toparyna 77+13 million ýewro transfer bolupdy. «Aston Willadan» öň ýurdunyň «Enwigado» toparynda hem-de ABŞ-nyň «Çikago Faýr» klubunda oýnan Duran «Al Nassrda» 18 oýunda 12 gol geçirdi. Ol «Aston Willada» 78 duşuşykda 20 gezek tapawutlanypdy. «Fenerbahçe» topary Jon Duranyň 18 million ýewrolyk ýyllyk töleginiň 10 millionyny berer.

# Haýsy çempionat haçan başlanýar?

Häzirki wagtda Ýewropanyň iň esasy çempionatlarynyň klublarynyň futbolçylarynyň köpüsi dürli ýerlerde öz dostlary, maşgalasy bilen dynç alýarlar. Sähelçe wagtdan bolsa olaryň dynç alyşlary tamamlanyp (eýýämden tamamlananlary hem bar), täze möwsümiň taýýarlyklaryna başlarlar. Täze möwsüme bolsa käbir ýurtlarda iýul, käbir ýurtlarda-da awgust aýynda badalga berler. Eýsem, haýsy çempionatyň täze möwsümi haçan başlanýar?




Iýul aýynyň dowamynda badalga aljak çempionatlaryň ilkinjisi Russiýanyň «Premýer Ligasydyr». Russiýanyň çempionatynyň 34-nji möwsümine 18-nji iýulda, anna güni «Dinamo» – «Baltika» duşuşygy bilen badalga berler. Geçen möwsümi «Ýunion Sent-Žilluazyň» 90 ýyldan soň gazanan taryhy çempionlygy bilen tamamlanan Belgiýanyň «Pro Ligasynyň» täze möwsümi 26-njy iýulda başlar. Laýyk 1 hepde soň, ýagny 2-nji awgustda bolsa Şotlandiýanyň «Premiership»-ine badalga berler. Şotlandiýanyň çempionatynyň 129-njy möwsümi bolup, bu görkeziji boýunça olar Angliýadan hem öňde barýar.

8-nji awgust, anna güni Ýewropanyň öňdebaryjy 10 çempionatynda orun alýan Türkiýäniň «Süper Liginiň» 68-nji, Niderlandlaryň «Eredivisiesiniň» 70-nji, Portugaliýanyň «Premiera Ligasynyň» 91-nji, ýagny täze möwsümleriniň başlanýan ilkinji güni bolar.

Ýewropada futbolyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň 3-si awgust aýynyň 3-nji hepdesiniň ahyrynda başlar. Ýagny çempionatlaryň iň naýbaşysy Angliýanyň «Premier Ligasynyň» 34-nji, umumylykda iňlis futbolynyň iň ýokary ligasynyň 127-nji möwsümi, Ispaniýanyň çempionaty «La Liganyň» 95-nji möwsümi hem-de Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-iň 88-nji möwsüminiň ilkinji duşuşyklary 15-nji awgustda, anna güni oýnalar. Angliýanyň çempionatynda täze möwsümiň ilkinji oýnunda soňky çempion «Liwerpul» öz meýdançasynda «Bornmuty» kabul eder.

Iň soňky başlanjak çempionatlar Germaniýa bilen Italiýanyň ýokary ligalary bolup, «Bundesliganyň» 63-nji möwsüminiň ilkinji duşuşygy 22-nji awgustda «Bawariýa» bilen «Leipsigiň» arasynda bolar. Şeýle-de, «Serie A»-nyň 94-nji, umumylykda Italiýanyň çempionatynyň 124-nji möwsüminiň ilkinji duşuşyklary 23-nji awgustda oýnalar. Şeýle-de, şol gün Gresiýanyň çempionatynyň täze möwsümine hem badalga berler.

**18-nji iýul (anna) – Russiýanyň çempionaty (Premýer Liga)**
**26-njy iýul (şenbe) – Belgiýanyň çempionaty (Pro League)**
**2-nji awgust (şenbe) – Şotlandiýanyň çempionaty (Premiership)**
**8-nji awgust (anna) – Türkiýäniň çempionaty (Süper Lig)**
**8-nji awgust (anna) – Niderlandlaryň çempionaty (Eredivisie)**
**8-nji awgust (anna) – Portugaliýanyň çempionaty (Premiera Liga)**
**15-nji awgust (anna) – Angliýanyň çempionaty (Premier League)**
**15-nji awgust (anna) – Ispaniýanyň çempionaty (La Liga)**
**15-nji awgust (anna) – Fransiýanyň çempionaty (Ligue 1)**
**22-nji awgust (anna) – Germaniýanyň çempionaty (Bundesliga)**
**23-nji awgust (şenbe) – Italiýanyň çempionaty (Serie A)**
**23-nji awgust (şenbe) – Gresiýanyň çempionaty (Super League)**













## 23-nji SKANWORD




## 41-nji KROSSWORD



**KESELIGINE:** **1.** «Gezen jaýyň gülzar olsun, bag olsun,/Seni gören duşman bagry … olsun» (Andalyp). **4.** Reňk. **9.** Matanyň bir görnüşi. **14.** Oturymly ilatly ýer. **15.** Braziliýaly ýazyjy Jorji … **16.** Ýüň matanyň bir görnüşi. **17.** Surat formaty. **18.** …-gatym. **19.** ABŞ-da bir ştat. **20.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **21.** Saud Arabystanynyň paýtagty …-Riýad. **22.** Matematikada «limit» adalgasynyň gysga aňladylyşy. **24.** Guşlaryň uçmak üçin beden agzasy. **26.** Edarada jogapkär hünärmen. **30.** Miwe. **31.** Daşary ýurt adam ady. **32.** Ümlük. **33.** Beden agzasy. **34.** Nota. **36.** «Togsan dürli tagam bolsa gaşyňda,/Ne lezzet içinde … hem bolmasa» (Magtymguly Pyragy). **37.** Beden agzasy. **40.** Içimlik taýýnlanylýan ýakymly ysly ot. **42.** …-nyşan. **43.** «… rysgaly alnynda» (nakyl). **45.** «Lantan» himiki elemeniň gysga aňladylyşy. **46.** Görkezme çalyşmasy. **47.** Tebigy bolmadyk. **49.** Özüňden uly erkek dogan. **52.** Bäbegiň ýatýan ýeri. **54.** Uçýan. **56.** Totynyň bir görnüşi. **57.**«Megatonna» ölçeginiň gysga aňladylyşy. **58.** Amerikan ýazyjysy … Lenz. **59.** «Göwün göwünden suw içer, … – bogundan» (nakyl). **63.** Ýylmanak şaha bölegi. **66.** «Biz şeýle bolanny soň duýup galdyk,/Bir seretsek, saçymyzyň … bar» (B. Hudaýnazarow). **67.** Agyz beklemek däbi. **68.** Germaniýanyň öý enjamlaryny öndüriji kompaniýasy. **69.** Geň-… **70.** Ilat sany köp bolan döwletleriň biri. **71.** Adamkärçiligini ýitiren. **72.** Ynha, ana.

**DIKLIGINE:** **1.** Süýt önümi. **2.** Gyz ady. **3.** Kuba Respublikasynyň paýtagty. **4.** Fransuzlaryň uzyn çöregi. **5.** Pars filosofy … Haýýam. **6.** Söýülýän adam, söýgüli. **7.** «… ilde, orny törde» (nakyl). **8.** Berdinazar Hudaýnazarowyň bir romany. **9.** Gan goýulaşma keseli. **10.** Programmada gözleg bilen üsti ýetirilen prosesler. **11.** Italiýanyň howa ýol gatnawy. **12.** Bilýard oýnalýan taýagyň ady. **13.** Fransiýanyň kommun şäheri. **23.** Özüňden kiçi erkek dogan. **25.** …-namys. **26.** Ýöňkeme birligi. **27.** Marokkonyň demirgazygyndaky dag ulgamy Er-… **28.** Türkana, ýönekeý. **29.** Ýokary dini bilimi bolan adam. **31.** Birsydyrgyn bolmadyk. **33.** Sesi ýazgy edýän enjamlary öndürýän kompaniýa. **35.** Eliň iç ýüzi. **37.** «Ýaşuly, ata» manysynda aýdylýan söz. **38.** Hindistanyň süýt önümlerini öndürýän kompaniýasy. **39.** Russiýada ýarym ada. **41.** «Adam … gyzyl gül» (nakyl). **44.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **47.** …-ata. **48.** Şri-Lankanyň domen belligi. **49.** Dok bolmadyk. **50.** Ownujak jandarlary awlaýan ullakan çöl guşy. **51.** «… ölmez, alňasan öler» (nakyl). **53.** Hindi aktýory … Kumar. **54.** Türk adam ady. **55.** «Kowsaň öňüňe seret, gaçsaň - …» (Paýhas çeşmesi). **57.** Oýlanmak arkaly bir zatdan çykarylýan netije. **59.** …-galmagal. **60.** «Alym gül getirer, … — bal» (nakyl). **61.** Küşt oýnunda utulmak, ýatmak. **62.** Agyry, ynjy. **64.** …-şikaýat. **65.** Ýoga bilen meşgullanýan adam.



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# «MetLife Stadium»-da Ýewropa finaly

**Ilkinji gezek 32 klubuň gatnaşmagynda geçirilýän FIFA Klublar Dünýä Kubogy tamamlanyp barýar. 1 aýdan bäri dowam edip gelýän ýaryşda ýene ýeke oýun galyp, ol hem final duşuşygydyr. Final duşuşygynda Ýewropanyň 2 öňdebaryjy kluby duşuşar. UEFA-nyň ýaryşlarynda şu möwsümde Konferensiýa Ligasynyň çempiony «Çelsi» bilen Çempionlar Ligasynyň çempiony PSŽ täze formatdaky ýaryşyň ilkinji ýeňijisi bolmak üçin meýdança çykar.**

### Çärýek finalda

● «Fluminense» topary bilen «Al Hilal» toparynyň arasyndaky duşuşyk çekeleşikli hem-de dartgynly ýagdaýda geçdi. Brazil kluby 40-njy minutda Mateus Martinelliniň goly bilen öňe saýlansa-da, «Al Hilal» topary braziliýaly futbolçysy Markos Leonardonyň 51-nji minutda salan goly esasynda hasaby deňledi. Duşuşygyň 70-nji minutynda tapawutlanan Herkules «Fluminense» toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Oýnuň galan minutlarynda arap klubunyň hasaby deňlemek üçin eden tagallasy ýeterlik bolmady. Şunlukda, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Fluminense» topary ýarym finala adyny ýazdyrdy.





«Çelsi» topary çärýek finalda Braziliýanyň «Palmeiras» toparyndan 2-1 hasabynda üstün çykdy. 16-njy minutda Koul Palmeriň goly bilen öňe geçen iňlislere sambaçylar Estewan Willianyň goly bilen jogap berdi. Estewan Willian häzirki wagtda «Çelsiniň» futbolçysy bolup, kluby ony geçen tomusda transfer edipdi. 18 ýaşyndaky futbolçy bu ýaryşdan soň «Çelsiniň» düzümine goşular. Duşuşygyň 83-nji minutynda Wewertonyň awtogoly bilen 2–1 hasabynda üstün çykan «Çelsi» ýeňşini baýram etdi.

PSŽ bilen «Bawariýanyň» arasyndaky duşuşyk örän çekeleşikli hem-de dartgynly ýagdaýda geçdi. Duşuşygyň 2-nji ýarymynyň başynda nemes kluby üçin gynançly waka bolup geçdi. Toparyň ýaş ýyldyzy, 10-njy belginiň täze eýesi Jamal Musiala PSŽ-niň derwezeçisi Janluiji Donnarumma bilen top ugrundaky göreşde agyr şikes aldy. Onuň aýagynyň döwlendigi mälim edildi. Duşuşykdan soň operasiýa edilen Musialanyň azyndan 4-5 aý meýdança dolanyp bilmejekdigi habar berildi.

Oýun 2-0 hasabynda PSŽ-niň peýdasyna tamamlandy. Soňky 10 minutda 2 futbolçysy (Paço 82, L. Hernandes 90+2) gyzyl kart alan PSŽ-niň gollaryny Desire Due (78) bilen oýna soň giren Usman Dembele (90+6) geçirdi.

«Real Madrid» bilen «Borussiýa Dortmund» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da turuwbaşdan erjel oýun görkezen ispan kluby soňky minutlarda aljyraňňy ýagdaýa düşse-de, 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Real Madrid» topary ilkinji 20 minutda iki Garsiýanyň — 10-njy minutda Gonzalo Garsiýanyň hem-de 20-nji minutda 1-nji goluň pasyny beren Fran Garsiýanyň gollary esasynda 2–0 öňe saýlandy. 90+3-nji minutda nemes klubunyň hüjümçisi Maksimillian Baýer aratapawudy 1 gola düşürse-de, oýna soň giren Kilian Mbappe 90+4-nji minutda Arda Güleriň ajaýyp pasy bilen owadan gol geçirdi. 90+5-nji minutda täze goragçysy Din Hýoýseniň gyzyl kart almagy, 90+8-nji minutda-da Seru Girassiniň penaltini dürs urmagy «really» futbolçylary aljyratsa-da, üstünligini saklan «Real Madrid» ýarym finala çykdy.

### Ýarym finalda

● Nýu Jersidäki «MetLife Stadium»-da oýnalan ýarym finalyň 1-nji duşuşygynda Angliýanyň «Çelsi» kluby Braziliýanyň «Fluminense» toparyndan 2-0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykdaky gollaryň 2-sini hem «Çelsiniň» täze transferi Žoao Pedro geçirdi. Ilkinji gezek esasy düzümde meýdança çykan braziliýaly hüjümçi 18-nji hem-de 56-njy minutlarda tapawutlanmagy başardy. Pedro ýetginjeklik ýyllarynda «Fluminense» klubunda oýnapdy. Şunlukda, «Çelsi» topary FIFA Klublar Dünýä Kubogynyň ilkinji finalçysy bolmagy başardy.



«Çelsi» topary şu ýaryşyň çäginde 3-nji gezek brazil klublary bilen duşuşdy. Londonlylar toparçada «Flamengo» bilen duşuşyp, 3–1 hasabynda ýeňlipdi. Çärýek finalda bolsa «Çelsi» «Palmeiras» toparyny ýeňdi (2–1).

### «Real Madrid» 20 oýundan soň ýeňildi

● «Çelsiniň» finaldaky garşydaşy Fransiýanyň PSŽ topary boldy. UEFA Çempionlar Ligasynyň täze çempiony PSŽ UEFA Çempionlar Ligasynyň kubogyny iň köp gazanan «Real Madridi» 4–0 hasabynda derbi-dagyn etdi. «MetLife Stadium»-da oýnalan duşuşygyň, esasanam 1-nji ýarymynda has erjel oýun görkezen parižliler arakesmeden öň ispan toparynyň derwezesinden 3 gol geçirdi. Entek 10 minut dolmanka, «really» goragçylaryň gödek ýalňyşlyklaryndan peýdalanan PSŽ 6-njy minutda Fabian Ruiz hasaby açdy. 9-njy minutda bolsa Usman Dembele goragçy Antonio Rüdigeriň ýalňyşlygyndan peýdalanyp hasaby 2–0-a çykardy. Duşuşygyň 24-nji minutynda bolsa Fabian Ruiz ýene bir gezek tapawutlanyp, aratapawudy hasam artdyrdy. 2-nji ýarymda azda-kände oýnuň depgini gowşap, ispan klubuna geçirden 3 golunyň biriniň hem öwezini dolmak başartmady. Duşuşygyň 87-nji minutynda bolsa, PSŽ-niň portugaliýaly hüjümçisi Gonsalu Ramuş oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, PSŽ topary Madridiň «Atletikosyndan» soň bu ýaryşda «Realy» hem 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



«Real Madrid» bolsa FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda 20 oýundan soň ilkinji gezek asgyn geldi. Duşuşyk Luka Modriçiň klubdaky iň soňky oýny boldy.

### Ikisi-de diňe brazil toparlaryndan utuldylar

● «Çelsi» bilen PSŽ-niň arasyndaky final duşuşygy 13-nji iýulda, ýagny ýekşenbe gününden duşenbe gününe geçilýän gije oýnalar. Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanjak duşuşyk Nýu Jersidäki «MetLife Stadium»-da geçiriler.



«Çelsi» topary finala çenli geçiren 6 duşuşygynda diňe 1 gezek utuldy. 14 gol salan londonlylar 5 gol geçirtdi. «Çelsi» bu ýaryşda mundan öň 2 gezek finala çykyp, 2012-nji ýylda Braziliýanyň «Korintians» toparyndan 1–0 hasabynda utulypdy. 2021-nji ýylda bolsa Braziliýanyň «Palmeiras» toparyny 2–1 hasabynda ýeňipdi. «Çelsi» finala çenli 3 brazil, şol sanda ABŞ-nyň, Tunisiň hem-de Portugaliýanyň 1 kluby bilen duşuşyk geçirdi.

PSŽ topary hem 6 duşuşygyň diňe birinde ýeňlişe sezewar boldy. Galan 5 oýunda gol geçirtmezden ýeňiş gazanan parižliler garşydaşlarynyň derwezesinden 16 gol geçirmegi başardylar. 1 gol geçirden PSŽ 3 duşuşykda 4-0 hasabynda ýeňiş gazandy. PSŽ finala çenli 2 amerikan, 2 ispan, 1 brazil hem-de 1 nemes kluby bilen duşuşdy.

Iki topary hem finala çenli diňe brazil klublary ýeňmegi başardy. «Çelsini» «Flamengo», PSŽ-ni «Botafogo» topary ýeňlişe sezewar etdi.

«Çelsi» bilen PSŽ mundan öň halkara ýaryşlarda, has takygy, UEFA-nyň bäsleşiklerinde 8 gezek özara duşuşdylar. Şolarda PSŽ 3, «Çelsi» 2 gezek ýeňiş gazandy.

## Çempionlar Ligasynyň täze möwsümine badalga berildi

UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsümine saýlama tapgyryň duşuşyklary bilen badalga berildi. 1-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary geçirilip, Gazagystanyň «Kairat» topary myhmançylykda Sloweniýanyň «Olimpiýa Lýublýana» topary bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady (Pinto 66 – Satpaýew 59).

Tapgyryň öňe saýlanýan klublaryndan Şwesiýanyň «Malmö» topary myhmançylykda Gruziýanyň «Iberiýa 1999» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykyp, 2-nji saýlama tapgyryň bosagasyndan ilkinji ädimini ätdi.

Tapgyryň başga bir öňe saýlanan kluby, Rumyniýanyň çempiony FKSB (ozalky «Stýaua») topary öz meýdançasynda Andorranyň çempiony «Inder Klub d'Eskaldes» toparyny 3–1 hasabynda utdy. 14 ýyldan bäri Bolgariýada çempionlygy özünde saklap gelýän Razgrad şäheriniň «Ludogores» topary Belarusuň paýtagty Minskiň «Dinamosyny» Kaloçyň 87-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

1-nji saýlama tapgyryň jogap duşuşyklary geljek hepdäniň sişenbe we çarşenbe günleri, ýagny 15–16-njy iýulda geçiriler.

### 1-nji saýlama tapgyrynyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:

● KuPS (Finlýandiýa) — Milsami Orhei (Moldowa): 1–0, Nýu Seýnts (Uels) — Şkendiýa (D. Makedoniýa): 0–0, Iberiýa 1999 (Gruziýa) — Malmö (Şwesiýa): 1–3, Lewadiýa (Estoniýa) — RFS (Latwiýa): 0–1, Drita (Kosowo) — Differdanž 03 (Lýuksemburg): 1–0, Wikingur (Farer adalary) — Linkoln Red Imps (Gibraltar): 2–3, Egnatiýa (Albaniýa) — Breidablik (Islandiýa): 1–0, Wirtus (San Marino) — Zrýinski Mostar (Bosniýa we Gersegowina): 0–2, Olimpiýa Lýublýana (Sloweniýa) — Kairat (Gazagystan): 1–1, Şelburn (Irlandiýa) — Linfild (D. Irlandiýa): 1–0, Žalgiris (Latwiýa) — Hamrun Spartans (Malta): 2–0, FKSB (Rumyniýa) — Inter Klub d'Eskaldes (Andorra): 3–1, Ludogores Razgrad (Bolgariýa) — Dinamo Minsk (Belarus): 1–0, Noa (Ermenistan) — Buduknost Podgorisa (Garadag): 1–1



## Silwerstounda hem «McLaren» toparynyň sürüjileri ýeňiş gazandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 12-nji ýaryşy Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesiniň adybir trassasynda geçirildi. 52 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda ýene-de «McLaren» topary goşa üstünlik gazandy. Bassyr 2-nji, soňky 4 ýaryşda 3-nji, möwsümde-de 5-nji gezek «McLaren» topary 1-2-nji orunlary eýeledi.



Toparyň britaniýaly sürüjisi Lando Norris ýaryşy 1 sagat 37 minut 15,735 sekuntda tamamlap, yzly-yzyna 2-nji, möwsümdäki 4-nji, karýerasy boýunça-da 7-nji ýeňşini baýram etdi. Onuň topardaşy, awstraliýaly Oskar Piastri 6,812 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi.

### 15 ýyllyk karýerasynda ilkinji gezek münbere çykdy

● Münberiň 3-nji basgançagyna garaşylmadyk ýagdaýda «Kick Sauber» toparynyň 37 ýaşyndaky germaniýaly piloty Niko Hüllkenberg çykdy. Ol 15 ýyllyk F1 karýerasy boýunça ilkinji gezek ýeňiş münberine çykmagy başardy. Ol 239 ýaryşdan soň münbere çykyp, bu ugurda dowam edýän öz antirekordyny ahyry duruzmagyň hötdesinden geldi. Öz tomaşaçysynyň öňünde münbere çykmak üçin ýiti göreş alyp baran «Ferrari» toparynyň britan sürüjisi Lýuwis Hamilton 4-nji orny eýeledi. Ýaryşa ilkinji hatardan bat alan soňky çempion, «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen 5-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.

Bäsleşigi 5 sürüji dürli sebäplerden tamamlap bilmedi.



Häzirki wagtda F1-de şu möwsümdäki ýaryşlaryň deň ýarysy tamamlanyp, sürüjileriň sanawynda «McLaren» toparynyň sürüjileri öňdeligi eýeleýär. Piastri 234, Norris 226 utuk bilen 1-2-nji orunlary paýlaşýarlar. 3-nji basgançakdaky Werstappeniň 165 utugy bar.

Möwsümiň 13-nji ýaryşy 27-nji iýulda Belgiýanyň Stawelot şäherçesindäki «Spa-Frankorçamps» trassasynda geçiriler.

## Meksika 10-njy gezek «Altyn Kubogyň» eýesi

Demirgazyk we Merkezi Amerika hem-de Karibler konfederasiýasynyň çempionaty bolan «KONKAKAF Altyn Kubok» (CONCACAF Cold Cup) ýaryşy tamamlandy. 18-nji gezek guralan ýaryş ABŞ-da geçirildi (1 duşuşyk Kanadada oýnaldy). 3 hepdeläp dowam eden ýaryşyň finalynda ABŞ-nyň ýygyndysyny ýeňen Meksikanyň ýygyndysy çempion bolmagy başardy.



Final duşuşygy Hýustondaky «NRG Stadium»-da geçirilip, duşuşyga 70 müň 925 janköýer tomaşa etdi. Gwatemalaly emin Mario Eskobaryň jürlewük çalan oýnunda 4-nji minutda amerikanlar Kris Riçardsyň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne meksikanlar meşhur hüjümçileri Raul Himenesiň goly bilen 27-nji minutda hasaby deňlemegi başardy. 2-nji ýarymda oýun deňeçerräk ýagdaýda geçse-de, 77-nji minutda ýer eýeleri meksikanlardan Edson Alwaresiň goluna çäre tapyp bilmedi. Duşuşyk 2–1 hasabynda Meksikanyň ýeňşi bilen tamamlandy. Şunlukda, Meksikanyň ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda-da 10-njy gezek «KONKAKAF Altyn Kubok» ýaryşynyň ýeňijisi boldy. Meksikanyň ýygyndysy 1991-nji ýyldan bäri şu at bilen geçirilip gelinýän ýaryşda mundan öň 1993-nji, 1996-njy, 1998-nji, 2003-nji, 2009-njy, 2011-nji, 2015-nji, 2019-njy hem-de 2023-nji ýyllarda çempionlyk gazanypdy.

Soňky gezek 2021-nji ýylda ýeňiji bolan argentinaly Maurisio Poçettinonyň tälimçiligindäki ABŞ-nyň ýygyndysy 7 çempionlykda galdy.

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip meksikaly Edson Alwares saýlandy. 6 gezek tapawutlanan panamaly Ismael Diaz ýaryşyň iň netijeli futbolçysy boldy.

Çempionatyň çäginde 31 duşuşykda 85 gol hasaba alyndy (ortaça 2,74 gol). Duşuşyklara umumylykda 779 müň 14 janköýer tomaşa etdi.



### Iň ýaş çempion

● Finalda Meksikanyň esasy düzüminde meýdança çykan 16 ýaşyndaky Žilberto Mora taryhy rekord goýdy. 2008-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda dünýä inen Žilberto Mora milli ýygyndylaryň arasynda geçirilýän halkara ýaryşlarda çempionlyk gazanan iň ýaş futbolçy bolmagy başardy (16 ýaş 265 gün). Ol bu ugurda ispaniýaly Lamin Ýamalyň rekordyny täzeledi.

Ýaryş KONKAKAF-yň çempionaty (1963-1989) diýlip atlandyrylan ýyllarynda Meksika 3, Kosta Rika 3, Gwatemala, Gaiti, Gonduras hem-de Kanada 1 gezek çempionlyga ýetdi. Ady «KONKAKAF Altyn Kubok» diýlip üýtgedileninden bäri bolsa Meksika 10, ABŞ 7, Kanada 1 gezek çempion bolmagy başardy.




## Keniýaly türgenleriň täze rekordy

Ýeňil atletika boýunça geçirilýän «Göwher Liga» (Diamond League) ýaryşlarynyň 9-njy tapgyry ABŞ-nyň Ýujin şäherinde geçirildi. Bu tapgyrda zenanlaryň arasyndaky ýaryşlarda 2 dünýä rekordy täzelendi. Rekordy goýanlaryň ikisi-de keniýaly ylgaýjylar bolup, 1500 metre ylgamakda soňky 3 Olimpiadanyň çempiony Fait Kipýegon özüne degişli rekordy ösdürdi. Ol 3 minut 48,68 sekuntda pellehana gelmegi başardy. 31 ýaşyndaky türgen 1500 metr ylgaw ýaryşynda bassyr 3-nji gezek dünýä rekordyny täzeledi. Kipýegon Rio 2016, Tokio 2020 hem-de Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlarynda 1500 metre ylgamakda çempionlyk gazanyp, olaryň iň soňkusynda Olimpiýa rekordyny hem goýupdy.

Ýujindäki ýeňil atletika ýaryşlarynda beýleki dünýä rekordyny goýan zenan türgen Beatris Çebet bolup, 25 ýaşyndaky keniýaly türgen 5000 metr aralygy 13 minut 58,06 sekuntda geçmegiň hötdesinden geldi. Bu ugurda ozalky rekord efiopiýaly Gudaf Tsegaýa degişlidi (14:00,21). Çebet 5000 metr aralygy 14 minutdan öň tamamlan ilkinji zenan ýeňil atletikaçy boldy. Çebet Pariž Olimpiadasynda 5000 hem-de 10000 metr ylgaw bäsleşiklerinde altyn medal gazanypdy.

«Göwher Liga» ýeňil atletika ýaryşlary her ýylyň aprel-awgust aýlarynda dünýäniň dürli ýurtlarynda geçirilýär. 15 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşlarda ýeňil atletikanyň dürli ugurlary boýunça iň köp utugy alan türgenler möwsümiň ýeňijisi diýlip yglan edilýär. Her tapgyrda ýeňil atletikanyň ähli ugry boýunça ýaryşlar geçirilmän, ol tapgyrlara dürli görnüşlerde paýlanylandyr.

## «Liwerpulyň» ýyldyz futbolçysy aradan çykdy

Angliýanyň çempiony «Liwerpul» toparynyň portugaliýaly ýyldyzy Diogo Žota hem-de inisi Andre Silwa aradan çykdy. Žota Ispaniýanyň Zamora şäherinde özünden 4 ýaş kiçi inisi bilen «Lamborghini» ulagynda barýarka ýol heläkçiligine sezewar boldy. Ýokary tizlik bilen barýan ulagyň tekeri ýarylyp, ýoldan çykýar. Soňlugy bilenem ulagda ýangyn döreýär we futbolçylaryň ikisinede halas bolmak başartmaýar. Bu waka 3-nji iýulda bolup geçdi. 3 çaganyň kakasy Žota golaýda ýanýoldaşy Rute Kardosa bilen resmi nika dabarasyny hem geçiripdi.



1996-njy ýylyň 4-nji dekabrynda Porto şäherinde dünýä inen Žota 2014-nji ýylda «Pasuş de Ferreira» klubunda professional karýerasyna başlaýar. 2016-njy ýylda «Atletiko Madride» transfer bolan Žota bu klubda 1 duşuşykda-da meýdança çykmaýar. «Porto», «Wulwerhempton» klublarynda kärendesine oýnan Žota 2018-nji ýylda iňlis klubunyň düzümine ymykly goşulýar. 2020-nji ýylda «Liwerpul» bilen şertnama baglaşan Žota mersisaýdlylarda 182 oýunda 65 gol geçirýär. Onuň umumylykda klublarda 395 oýunda 133 goly bar. Portugaliýanyň milli toparynda 49 oýunda 14 gol geçiren Žota 2 gezek UEFA Milletler Ligasynyň kubogyny gazanýar. 2018-nji ýylda Angliýanyň 2-nji, 2025-nji ýylda-da «Premier Liganyň» çempionlygyny, umumylykda 7 kubok gazandy.



Žotanyň inisi Andre Silwa 2000-nji ýylda dünýä inip, ol hem agasy ýaly futbol oýnaýardy. Portugaliýanyň aşaky ligalarynyň wekillerinden «Gondomarda» futbola başlan Andre Silwa 2 ýyldan bäri 2-nji liganyň «Penafil» toparynda çykyş edýärdi.

Tanymal futbolçylar, tälimçiler sosial media hasaplarynda Žotanyň we inisiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly öz gynançlaryny beýan etdiler.

### 20-nji belgili köýnekçe hiç kime berilmez

Žotanyň çykyş edýän kluby «Liwerpul» topary oýunçynyň geýen 20-nji belgili köýnekçesiniň mundan soň hiç bir futbolça berilmejekdigini mälim etdi. Ýagny mundan soň «Liwerpulda» hiç bir futbolçy 20-nji belgili köýnekçäni geýmez. Şeýle-de, klub oýunçynyň galan 2 ýyllyk şertnamasy esasynda tölegleriň onuň maşgalasyna beriljekdigini habar berdi. Klub Žotanyň maşgalasyna 17 million ýewro golaý pul berer.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Sungata teşne ýürek

## (Dramaturg, terjimeçi, aktýor, režissýor, pedagog)

**Şol ýyl gyş pasly maýyl gelipdi. Men fewral aýynda agşamara işimden gelýärdim. Meniň ýolum Magtymguly şaýoluna düşüpdi. Şonda münen ulagym Mollanepes adyndaky talyplar teatrynyň garşysyna gelende, teatryň öňünde üýşüp duran märekä gözüm düşdi we ol ýerde näme bolup geçýäni bilen gyzyklandym. Görüp otursam teatrda şol gün «Janly heýkeller» atly täze sahna oýnunyň görkezilişi bolýan eken.**



Spektaklda waka ýaş heýkeltaraşyň öz päk söýgüsine ýetmek üçin tapýan ugurtapyjylygy juda ýokary derejede suratlandyrylypdyr. Dost wepalylygy, ynsana hormat, döredijilige we zähmete sarpa, durmuşda gabat gelýän çykgynsyz ýagdaýlardan baş alyp çykmak ýaly ajaýyp duýgular we başarnyklar bu sahna eseriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Bu sahna eserinde keşpleri Medeniýet institutynyň teatr fakultetiniň ikinji ýyl talyplary janlandyrýan ekenler. Olaryň her haýsynyň özüne ynanylan keşpleri ussatlarça janlandyryşlary tomaşaçylarda buýsanç döredipdi. Soň görüp otursam, bu spektakly institutyň kafedra müdiri wezipesinde zähmet çekip ýören Aýmämmet Işangulyýew sahnalaşdyrypdyr. Men Aýmämmedi öň hem gaýybana tanaýardym. Çünki onuň teatrlar üçin ýazan pýesalary, hekaýalary hem terjimeleri arkaly onuň dramaturg, terjimeçi, artistdigi maňa mälimdi. Meniň gözümiň öňünde onuň ýene-de bir wezipesi, oýun goýujy režissýordygy hem mälim boldy duruberdi.

Şol spektakla tomaşa edenimden soň Aýmämmediň talyplary bilen sapak geçýän ýeri bolan Mollanepes adyndaky talyplar teatryna baryp, Aýmämmet mugallym bilen duşuşmaga gelendigimi aýtdym. Şol wagt onuň sahnada talyplar bilen spektakla taýýnlyk görýändigini aýtdylar. Onsoň men teatryň tomaşaçylar zalyna baryp talyplaryň spektakla taýýnlyk görşüni synlap başladym. Şowhun-şagalaň al-asmana galýardy. Birdenem sahna Aýmämmet mugallym çykyp, olara düşündirip başlady. Ol talyplara «Alyp gidişiňiz gowy, ýöne has gowy etjek boluň, ynandyryjy etjek boluň! Aýdýan sözleriňiz bilen edýän hereketleriňiz gabat gelsin, ýerine ýetirýän keşbiňize özüňiz ynanyp janlandyrmasaňyz tomaşaçy size ynanmaz. Hany, boluň, täzeden» diýip, talyplaryň sahnasyny synlap başlady. Elbetde, dramaturgyň ýazan pýesasyny hakyky artistler bilen spektakl etjek bolsaň köp zähmet çekmeli, bular-a entek talyp, ýaňy bir artistçilige ýörjen-ýörjen bolup başlan höwesjeňler. Bular bilen artistleriňkä görä on, ýigrimi esse köp zähmet çekmeli bolýar. Munuň üçin režissýora ýiti zehinden daşgary ukyp-başarnyk, ýadap-ýaltanmazlyk, esasy zat bolsa çydamlylyk zerur bolup durýar. Şolaryň hemmesi Aýmämmet mugallymda jemlenipdir. Men şonda Aýmämmet mugallymyň öz saýlan kärinden lezzet alyp, söýüp zähmet çekýändigine göz ýetirdim.

Şondan soň mende Aýmämmet Işangulyýewiň döredijilik ýoly bilen gyzyklanyp, ony okyjylar köpçüligine ýetirmek höwesi döräpdi.

1965-nji ýylyň ýanwar aýynyň 29-y güni Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Gämi obasynda gullukçynyň maşgalasynda dünýä inen Aýmämmediň kakasy Annamuhammet aga demirýolçy, ejesi Amandursun ýeňňe bolsa çagalar bagynda aşpez bolup işläpdirler.

Bu agzybir maşgalada dünýä inen bäş oglan, üç gyz milli hem döwrebap bilim-terbiýe alyp häzirki wagtda ýurdumyzyň dürli ulgamlarynda zähmet çekýärler. Aýmämmet maşgalanyň üçünji ogly. Onuň çagalyk döwri Ak bugdaý etrabynyň Änew şäherinde geçýär. Aýmämmet kiçiliginden atasynyň aýdyp berýän gyzykly gürrüňlerini, ertekileridir rowaýatlaryny diňläp ulalýar. Atasy şeýle bir gyzykly gürrüň berýän eken welin, wakalar ýaşajyk oglanyň göz öňünde edil kino ýaly bolup janlanypdyr. Ol teleýaýlymlarda görkezilýän multfilmlere-de tomaşa etmegi gowy görüp, olardan lezzet alypdyr. Şonda Aýmämmet multfilmleriň gahrymanlarynyň hakyky keşbine girip, özüniň hereketleri bilen olaryň häsiýet aýratynlyklaryny görkezmegi başarypdyr. Aýmämmet hatda ýigit çykanyndan soň hem telewizory açan mahaly gyzykly multfilmler gabat gelse, hezil edip oňa tomaşa edýänini özide duýman galypdyr. Şonuň üçin hem Aýmämmetde türkmen sungatyna, şonuň bilen birlikde çagalar edebiýatyna bolan söýgüsini atasynyň hekaýalarydyr tomaşa eden multfilmleri oýarandyr diýsek ýalňyş bolmasa gerek.

Ýaşajyk Aýmämmediň teatr sungatyna bolan höwesi hem uly bolupdyr. Sebäbi onuň maşgala agzalary köplenç Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynda sahnalaşdyrylýan spektakllara tomaşa etmäge barýan ekenler. Aýmämmet şonda sahnada çykyş edýän artistleriň her dürli hereketlerini uly höwes bilen synlap, hyýalynda özüni olaryň ýerinde goýup görüpdir. Şondan soň onda geljekde teatr ugrundan bilim almaga bolan höwes döräpdir. Aýmämmet başlangyç bilimi Änew şäheriniň 62-nji orta mekdebinde alýar. Orta mekdebi üstünlikli tamamlanyndan soň Mollanepes adyndaky drama teatrynyň ýanynda hereket edýän teatr studiýasyna okuwa girmek üçin resminamalaryny tabşyrýar. Synagda berlen birnäçe sowallara dessine dogry jogap bereninden soň, mugallymlar oňa ýene-de goşmaça sowal berýärler.

— Ýene näme bilýärsiň?!

— Basnýa bilýän – diýip, Aýmämmet jogap berýär. Ol şol pursat Ata Salyhyň «Şagal bilen horaz» basnýasyny janlandyryp, gara çyny bilen aýdyp başlaýar.

Halypalaryň biri onuň sözüni bölüp:

— Boldy, boldy. Sen basnýany gowy öwrenipsiň. Hany, ynha sen, hol ýokarda agajyň üstünde-de horaz otyr diýip göz öňüňe getir. Şony sen nädip aşak düşürjek?! – diýip, duýdansyz sowal berýär.

Şonda Aýmämmet ilki aljyrajak ýaly edýär. Sebäbi eýlesine-beýlesine garaýar welin, horazy ürküzer ýaly esbaba gözi düşmeýär. Eli bilenem haý-haýlap durany bilen horazyň ürkjegi-ürkmejegi gümana. Aýmämmet ahyry bir taý köwşüni eline alyp, ony görkezilen tarapa zyňyp goýberipdir. Şonda synag toparynyň agzalary hezil edip gülşüp:

— Boldy, boldy, sen synagdan geçdiň. Sahna-da döräp biläýjek çykgynsyz ýagdaýdan baş alyp çykyp biljek ekeniň — diýip, ony okuwa kabul edipdirler.

Aýmämmet teatr studiýada okan döwürlerinde halypa mugallymlar Türkmenistanyň halk artistleri Nurmuhammet Keşikow, Annamyrat Berdiýew, Ata Alowow, Aman Gurbandurdyýew, Welmyrat Amanow dagydan tälim alýar. Bu ussatlaryň okadan sapaklary, beren bilimleri, tälimleri geljekde zehinli artist bolup ýetişjek ýaş ýigit üçin özbolușly mekdep bolup galýar.

Teatr studiýany üstünlikli tamamlan Aýmämmedi şol wagt hereket edýän Ýaş tomaşaçylar teatryna işe ýollaýarlar. Bu teatryň döredijilik topary ýaş hünärmeni güler ýüz bilen garşy alýar. Teatryň halypa artistleri bolsa Aýmämmede degerli maslahatlaryny berýärler. Teatryň zehinli režissýory, Türkmenistanyň halk artisti Baýram Seýdullaýew «Ak dereklerиň aýdymy» atly powesti esasynda sahnalaşdyrylan spektaklynda oňa Jammanyň keşbini ynanýar. Şol keşp hem Aýmämmediň sungata gadam basyp ynanylan ilkinji keşbi bolýar. Soňra ýaşlar teatrynyň sahnasynda Hudaýberdi Durdyýewiň «Skerso» atly 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy bilen bagly bolan spektaklynda Aýmämmede esasy keşpleriň biri bolan Budraýtistiň keşbi ynanylýar. Emma ol spektakl tomaşaçylara hödürlenmänkä Aýmämmet Işangulyýew Şota Rustaweli adyndaky döwlet teatr institutynyň «Drama we kino aktýory» hünäri boýunça ýörite döwlet synagyna gatnaşyp, synaglardan üstünlikli geçip, okuwa kabul edilýär.

Şeýlelikde, Aýmämmet Işangulyýew Tbilisi şäherinde dört ýyllap bilim alýar. Täze gelen topara Gruziýanyň halk artisti Georgiý Sarçimelidze halypalyk edýär. Zehinli türkmen oglan-gyzlaryndan ybarat bolan bu toparyň talyplary okap ýören döwürleri halypa mugallymlaryň ýardam bermekleri bilen birnäçe sahna oýunlaryny goýýarlar. Olaryň arasynda zehinli dramaturglar Aşyr Mämiliýew bilen Begi Suhanowyň «Satylan düýş» atly sahna eseri has-da täsirli we gyzykly sahnalaşdyrylypdyr.

— Okaýan ugrumyz drama, kino we gurjak teatrynyň artisti hünäri bolansoň, häli-şindi sahna eserleri bilen iş salyşmaly bolýardyk. Onsoň özümiz daşary ýurt ýazyjylarynyň, dramaturglarynyň sahna eserlerini türkmen diline terjime edip, sahnalaşdyrmaly bolýardyk. Şol döwürler «Üç jojuk», «Dostsuz kyn bolardy», «Mawy kirpi» ýaly körpelere niýetlenip ýazylan sahna eserlerini terjime edip, talyp ýoldaşlarym bilen bilelikde sahnalaşdyrypdyk. Wagtyň geçmegi bilen terjimeçilik sungaty meni özüne büs-bütin maýyl etdi, onuň inçe syrlaryna has içgin aralaşyp başlapdym. Belkem, terjime eden eserlerimi özümiň hem sahnada janlandyrmaga gatnaşýanlygym terjimeçilik işine has ýakyndan berilmegime itergi berendir – diýip, Aýmämmet okuw ýyllaryny buýsanç bilen ýatlaýar.

1989-njy ýylda ýokary okuw mekdebini tapawutlanan diplom bilen gutaryp gelen ýaş zehinli hünärmeni 1990-njy ýylda ýurdumyzda täze açylan Türkmen döwlet gurjak teatryna işe kabul edýärler. Teatrda işlän pursatlarynda guramaçylyk we işbaşarjaňlyk ukyplaryny göz öňünde tutup, ony 1993-nji ýylda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligine işe çagyrýarlar. Aýmämmet ol ýerde dürli wezipelerde işlemek bilen, terjimeçilik kärini hem dowam etdirmäge wagt tapypdyr. Ol talyp döwründe okan rus ýazyjysy Lew Ustinowyň «Akylly gurbagajyk» atly ertekisini terjime edýär. Bu eser şol wagtlar hereket eden ýaş tomaşaçylar teatrynyň sahnasynda sahnalaşdyrylyp halk köpçüligine hödürlenýär. Aýmämmet Işangulyýewiň dramaturg hökmünde özüniň ýazan hem-de režissýor hökmünde ýurdumyzyň teatrlarynda sahnalaşdyran: «Jadyly söz», «Bir aždarha bar eken», «Garry möjek hakynda», «Ýolbarsyň towuk ketegi», «Kör garga», «Taýharjyk», «Paýhasyň güýji», «Batyr towşanjyk», «Çynymy aýtsam», «Mämmetjan», «Janly heýkeller», «Aýperi», şeýle-de terjime eden hem-de sahnalaşdyran «Akylly gurbagajyk», «Ahmediň gaýduwsyz horazy», «Bir köpek ýaşar eken», «Oskar» atly sahna oýunlary halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşy alnypdy. Aýmämmet Işangulyýewiň öz ýazan «Arslan» hem-de «Meniň eýjejik dostum» atly hekaýalary, şeýle-de «Taýharjygyň başdan geçirenleri» atly ertekileri türkmen radiosynda taýýarlanyp, ýaýlym arkaly halk köpçüligine eşitdirilip durulýar.

«Dünýä edebiýaty» žurnalynda hem Aýmämmet Işangulyýewiň terjime eden «Üçekde ýaşaýan Karlsson», «Mumi Troll we guýrukly ýyldyz», «Elenanyň söýgüsi», «Ülje şänigi», «Awtobusda», «Telefon ertekileri», «Zümerret şäheriniň jadygöýi», «Alisa täsinlikler dünýäsinde», «Tokaý aýdymy ýa-da iň kiçijikler üçin iň uly sowgat» atly eserleri çap edildi.

2019-njy ýylda Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan Aýmämmet Işangulyýewiň «Teatr sungatynda ilkinji ädimler» atly usuly gollanmasy çap edildi. Häzirki wagtda bu gollanma ýurdumyzyň çagalar sungat mekdepleriniň teatr sungaty bölüminde hem-de medeni dynç alyş edaralarynyň gurnaklarynda giňden peýdalanylýar.

— Ertekiler dünýäsi juda täsin hem gyzykly, köpöwüşginli dünýä. Onuň bilen tanşan adam, çaga bolsun, uly bolsun, parhy ýok, bu ajaýyp dünýäden ruhy lezzet alýar, gaýgy-gamdan saplanýar. Ýaş nesilleri ertekileriň üsti bilen dost-doganlyga, agzybirlige, wepalylyga, halallyga çagyrmak milli terbiýeden gözbaş alýan ýol ýörelgelerdir. Şonuň üçin hem nesillere terbiýe bermekde ertekileriň tutýan orny uludyr – diýip, Aýmämmet mugallym belleýär.

2007–2009-njy ýyllarda Aýmämmet Işangulyýew Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynyň baş ýolbaşçysy wezipesinde zähmet çekýär. Ol 2010-njy ýyldan häzirki wagta çenli Türkmen döwlet medeniýet institutynyň «Aktýoryň ussatlygy we sahna dili» kafedrasynyň müdiri wezipesinde zähmet çekip gelýär. Kafedra müdiri wezipesinden daşgary ol «Drama we kino aktýory» hünärinde okaýan talyplara hünär dersinden sapak berýär. Aýmämmet Işangulyýew häzirki wagtda mugallymçylyk käri bilen birlikde döredijilik işlerini hem utgaşykly alyp barýar. Türkmen medeniýetini we sungatyny dünýä ýaýmakda, onuň gadyr-gymmatyny ýaşlara öwretmekde Aýmämmet Işangulyýew ýaly halypa mugallymlaryň hyzmatlary uludyr. Halypa mugallym, dramaturg, terjimeçi, režissýor Aýmämmet Işangulyýew häzirki wagtda öz talyplary bilen sahnalaşdyrýan spektakllarynda durmuş hakykatyny her dürli gyzykly wakalaryň üsti bilen açmaga çalyşýar.

— Režissýor, dramaturg, terjimeçiboljak bolsaň ene dilindäki edebiýatlaram, daşary ýurt edebiýatlaryny hem köp okamaly. Men kiçiligimden, häzir hem kitap okamagy gowy görýärin. Türkmen edebiýatyndaky gowy-gowy eserleri okaýaryn. Türkmenistanyň halk ýazyjylary Kerim Gurbannepesowyň, Gurbannazar Ezizowyň ajaýyp goşgularyny gowy görýärin. Pýesany ýazmak üçin ýa-da terjime etmek üçin sahna eserlerini-de gaýta-gaýta okap durmaly. Köp okamak arkaly özüňi kämilleşdirmeli. Umuman, türkmen dramaturgiýasynda gowy-gowy sahna eserleri sanardan köp. Biz ýaşlara-da, ilkinji nobatda, köp okamagy, öwrenmegi sargaýarys — diýip, Aýmämmet Işangulyýew gürrüň berdi. Aýmämmet Işangulyýew 2017-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Watana bolan söýgüsi üçin» atly medala mynasyp bolýar.

Aýmämmet Işangulyýewiň bagtly maşgalasy bolup, ýanýoldaşy Manana Işangulyýewa häzirki wagtda ýurdumyzyň suratkeşler birleşiginiň agzasy, ol çeken suratlary bilen ýurdumyzda guralýan dürli sergilere yzygiderli gatnaşyp gelýär. Bularyň iki gyzy, ýagny Aýna bilen Laçyn hem döwrebap bilim-terbiýe alyp, hünär öwrenip, durmuşda öz orunlaryny tapypdyrlar. Olar gyzlaryna, iki oglan, bir gyz agtyklaryna, saýlap alan kärlerine buýsanyp, guwanyp ýaşaýarlar. Biziň bilen bolan söhbetdeşlikde Aýmämmet Işangulyýew türkmen medeniýetiniň, sungatynyň we döredijilik işgärleriniň hak hossarlary

Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýürek buýsanjyny beýan edip, olaryň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman bolup, alyp barýan il bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi. Biz hem Aýmämmet Işangulyýewe ýeňil bolmadyk işinde üstünlikleri arzuw edýäris.









**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

# Garaşylýan filmiň görkeziljek wagty mälim edildi

«Oppenhaýmer» filmi bilen Oskar baýragyny gazanan ussat režissýor Kristofer Nolan häzirki wagtda «The Odyssey» filmini surata düşürýär. Gomeriň meşhur eseri «Odisseýa» esasynda surata düşürilýän bu filmiň haçan prokatlara ýaýradyljakdygy mälim edildi. «Universal Pictures» studiýasynyň önümi boljak bu film 2026-njy ýylyň 17-nji iýulynda, ýagny 1 ýyldan soň ekranlara çykarylar. 250 million amerikan dollary töweregi býujetli filmde baş keşpleri Mett Deýmon bilen Enn Heteweý, beýleki keşpleri-de Zendeýa, Tom Holland, Robert Pattinson, Lupita Nýong'o, Şarliz Teron, Jon Berntal ýaly meşhur artistler janlandyrarlar. «Betmen başlaýar», «Abraý», «Gara rysar», «Başlangyç», «Ýyldyzlar arasy», «Dýunkerk», «Tenet» ýaly iri taslamalary surata düşüren 55 ýaşyndaky Nolanyň täze kinosy tutuşlygyna IMAX kameralary bilen ekranlaşdyrylan ilkinji film bolar.




## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

# Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky sizi «Onlaýn kabulhana» hyzmatynyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanmaga çagyrýar.

Hyzmata laýyklykda raýatlarymyz banka barmazdan sanly ulgam arkaly günüň islendik wagtynda bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn kabulhana» bölümçesiniň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwänamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek, şeýle hem karz almak üçin onlaýn görnüşde ýüzlenip bilerler. Munuň üçin raýatlarymyz ilki bilen penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşinde doldurmak arkaly özbaşdak ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni bir gezeklik döredýär.

Hyzmatdan peýdalanmak üçin döredilen ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni her gezek ulanmak arkaly «Onlaýn kabulhana» bölümçesine girýär we özüne zerur bolan resminamalary sargyt edýär, sargydyň taýýar bolanlygy baradaky maglumat elektron ulgam arkaly, şeýle hem bankyň merkezi edarasynyň (ýa-da şahamçasynyň) degişli hünärmeni tarapyndan telefon arkaly habar berilýär. Müşderiler öz sargytlaryny almak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da degişli şahamçasyna ýüz tutup bilerler!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGIMIZ:**
(+993 12) **44-03-04.**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.